TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– ÝURDUMYZYŇ SEBITLERINI TOPLUMLAÝYN ÖSDÜRMEK, TÄZE, DÖWREBAP ÖNÜMÇILIKLERI DÖRETMEK BOÝUNÇA MAKSATNAMALAÝYN IŞLERI ÜSTÜNLIKLI DOWAM ETDIRERIS.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN
10-njy maý, 2024. Belgisi 19/1585

# SENAGAT WE GURLUŞYK ÖNÜMÇILIGI PUDAGYNDA GIŇ GERIMLI IŞLER DURMUŞA GEÇIRILÝÄR



8-nji maýda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ahal welaýatyndaky Bäherden sement zawodynyň ikinji tapgyrynyň we Ýaşlyk suw arassalaýjy desgasynyň açylyş dabaralaryna gatnaşdy.

Irden hormatly Prezidentimiz täze, döwrebap önümçiligiň gurlup ulanmaga berilmegi mynasybetli guralýan dabaranyň geçirilýän ýerine geldi.

Ýurdumyzyň durmuşyndaky şanly waka mynasybetli bu ýere Mejlisiň Başlygy, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary, ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň ýolbaşçylary, Ahal welaýatynyň häkimi, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň we jemgyýetçiligiň wekilleri ýygnandylar.

### MEDENI-DURMUŞ MAKSATLY BINALAR WE DESGALAR YZYGIDERLI ULANYLMAGA BERILÝÄR

Hormatly Prezidentimiz Ahal welaýatynyň Bäherden etrabyndaky Bäherden sement zawodynyň ikinji tapgyrynyň işe girizilmegi mynasybetli dabara gatnaşyjylaryň öňünde çykyş edip, Garaşsyz Watanymyzda medeni-durmuş maksatly binalary we desgalary ulanmaga bermegiň, täze önümçilikleri işe girizmegiň indi asylly däbe öwrülendigini belledi.

Şu gün Ak bugdaý etrabynyň Ýaşlyk şäherçesinde agyz suwuny arassalaýjy desgany hem dabaraly ýagdaýda açyp ulanmaga bereris. Şeýle-de, welaýatyň ilatyna ýokary hilli hyzmat etjek täze, döwrebap ýolagçy awtobuslarynyň 200-e golaýyny sowgat hökmünde gowşurarys diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy we bu ýere ýygnananlary şatlykly wakalar mynasybetli tüýs ýürekden gutlady.

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň nygtaýşy ýaly, häzirki döwürde ýurdumyzda köpugurly gurluşyk önümçilik ulgamy döredildi. Döwrebap kärhanalarda önümleriň görnüşlerini hem-de möçberini artdyrmak boýunça uly işler alnyp barylýar. Gurluşyk senagatyny ösdürmäge gönükdirilýän maýa goýum serişdelerini netijeli özleşdirmäge, kärhanalaryň önümçilik kuwwatlylygyny artdyrmaga aýratyn üns berilýär.

### ÝOKARY HILLI SEMENT ÖNÜMLERINIŇ ÝYLDA 1 MILLION TONNASY ÖNDÜRILER

Ýerli çig mal serişdelerini peýdalanmak bilen, dünýä ölçeglerine doly laýyk gelýän ýokary hilli önümleri öndürýän, innowasion tehnologiýalar bilen enjamlaşdyrylan täze senagat kärhanalary gurulýar. Ine, bu dabaraly ýagdaýda açylyp ulanmaga berilýän döwrebap kärhana hem şeýle desgalaryň biridir diýip, döwlet Baştutanymyz sözüni dowam etdi.

Täze kärhananyň gurluşygy Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň buýurmasy esasynda Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzasy bolan «Beýik bina» hususy kärhanasy tarapyndan amala aşyryldy. Ol dünýäniň ösen döwletleriniň kämil enjamlary bilen üpjün edildi. Bu bolsa önümçiligi ýokary derejede alyp barmaga, ýokary hilli önümleri öndürmäge mümkinçilik berer.

Kärhana edara binasyndan we 48 sany desgadan ybarat bolup, dünýä ölçeglerine doly laýyk gelýän, şol sanda sulfata (duza) durnukly ýokary hilli sement önümleriniň ýylda 1 million tonnasyny öndürmäge niýetlenendir. Bäherden sement zawodynyň ikinji tapgyrynda 250-ä golaý işgäriň zähmet çekmegi üçin ähli önümçilik we durmuş şertleri döredilen.

Hormatly Prezidentimiz Garaşsyz, baky Bitarap Watanymyzyň senagatçylarynyň geljekde hem ýurdumyzy ösdürmekde, alnyp barylýan gurluşyklary, ilatymyzy ýokary hilli gurluşyk önümleri bilen üpjün etmekde tutanýerli zähmet çekjekdiklerine berk ynam bildirdi.

Şeýle hem ilatyň arassa agyz suwy bilen üpjün edilmeginiň döwlet syýasatynyň esasy ugurlarynyň biri bolup durýandygy bellenildi. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzyň ähli sebitlerini ýokary hilli arassa agyz suwy bilen bökdençsiz üpjün etmek ugrunda netijeli işler durmuşa geçirilýär.

Ine, şu gün Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynyň Ýaşlyk şäherçesinde agyz suwuny arassalaýjy desga işe girizilýär. Bu desga bir gije-gündiziň dowamynda 30 müň kubmetr agyz suwuny arassalamaga niýetlenendir. Onda dünýäniň öňdebaryjy ýurtlarynyň ösen tehnologiýalary ornaşdyryldy. Biz welaýatlarymyzda täze agyz suw desgalaryny we üpjünçilik ulgamlaryny gurmak, ozal bar bolanlarynyň durkuny täzelemek boýunça işleri geljekde-de netijeli dowam etdireris diýip, Arkadagly Gahryman Serdarymyz çykyşynda nygtady.

Hormatly Prezidentimiz senagat we gurluşyk önümçiligi pudagynyň ähli işgärlerini, şeýle hem Ahal welaýatynyň ilatyny «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynyň rowaçlyklara beslenýän günlerinde Ahal welaýatynyň Bäherden etrabynda Bäherden sement zawodynyň ikinji tapgyrynyň, Ak bugdaý etrabynyň Ýaşlyk şäherçesinde agyz suwuny arassalaýjy desganyň dabaraly açylmagy, şeýle hem welaýatyň ilatyna döwrebap ýolagçy awtobuslarynyň sowgat berilmegi mynasybetli ýene-de bir gezek tüýs ýürekden gutlap, hemmelere berk jan saglyk, asuda we bagtyýar durmuş, alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

### HALKARA GÜWÄNAMA GOWŞURYLDY

Soňra Germaniýa Federatiw Respublikasynyň «KHD Humboldt Wedag/ZAB» kompaniýasynyň hyzmatlar gullugynyň müdiri Gennadiý Mahtumowa söz berildi.

Kompaniýanyň wekili Bäherden sement zawodynyň ikinji tapgyrynyň açylyp ulanmaga berilmegi mynasybetli hormatly Prezidentimizi we ýygnananlary tüýs ýürekden gutlap, ýurduň senagat toplumynyň möhüm bölegine öwrüljek täze kärhananyň gurluşygynyň ýokary derejede ýerine ýetirilmegi ugrunda türkmen hyzmatdaşlary bilen bilelikde uly tagallalaryň edilendigini belledi.

Gurluşykda «KHD Humboldt Wedag» kompaniýasy tarapyndan ýerine ýetirilen inženerçilik hyzmatlarynyň we ornaşdyrylan enjamlaryň Germaniýanyň senagat standartlaryna (DIN), sement senagatynyň standartlaryna, Halkara elektrotehnika komissiýasynyň (IEC) we ISO standartlaryna laýyk gelýändigini tassyklaýan güwänama dabara gatnaşyjylaryň el çarpyşmalary astynda Türkmenistanyň senagat we gurluşyk önümçiligi ministrine gowşuryldy.

### DABARALY ÝAGDAÝDA TOÝ BAGY KESILDI

Soňra uly ekranda Bäherden sement zawodynyň ikinji tapgyry barada ýörite taýýarlanylan wideofilm görkezildi.

Dabaranyň resmi bölegi tamamlanandan soňra, döwlet Baştutanymyz mejlisler jaýyndan çykdy we Ahal welaýatynyň häkimine bu şanly waka mynasybetli welaýatyň ýaşaýjylaryna sowgat berlen täze awtoulaglaryň açarlaryny gowşurdy.

Döwlet Baştutanymyz ýygnananlaryň el çarpyşmalary astynda dabaraly ýagdaýda toý bagyny kesýär. Soňra hormatly Prezidentimiz zawodyň çägini synlap, bu ýerde ulanmaga berlen desgalaryň işleýiş aýratynlyklary barada maglumatlary diňledi. Döwlet Baştutanymyz bu ýerde guralan ýurdumyzyň gurluşyk-senagat toplumynyň kärhanalary tarapyndan öndürilen önümleriň sergisi bilen hem tanyşdy.

Hormatly Prezidentimiz merkezi dolandyryş binasynyň üçünji gatyndaky toplumyň ähli tehnologik işine gözegçilik edilýän merkezi önümçilik dolandyryş nokadyna bardy.

Hünärmen senagat we gurluşyk pudagyny ösdürmek meselelerine berýän yzygiderli ünsi, pudagyň zähmetkeşleri barada edýän aladalary üçin sement zawodynyň işgärleriniň adyndan hormatly Prezidentimize çuňňur hoşallygyny beýan edip, Bäherden sement zawodynyň ikinji tapgyrynyň işe girizilmegine ak pata bermek baradaky haýyş bilen döwlet Baştutanymyza ýüzlendi.

Hormatly Prezidentimiz düwmäni basyp, nobatdaky iri senagat desgasyny işe girizýär.

Bäherden sement zawodynyň ikinji tapgyrynyň öz işine başlamagy we önümçiligiň çylşyrymly tehnologik prosesi wideoşekiller arkaly görkezilýär. Şeýlelikde, milli ykdysadyýetimiziň ýerli çig maldan ýokary hilli önümleri öndürmäge ýöriteleşen täze kärhanasy tiz wagtda gurluşyk senagatynyň esasy önümleriniň biri bolan sementiň ilkinji tonnalaryny sarp edijilere ýetirip başlar.

Döwlet Baştutanymyz merkezi dolandyryş binasyndan çykyp, sement zawodynyň direktoryna bu ýerde hatar edilip goýlan, önümçilikde ulanyljak täze, ýörite tehnikalaryň açarlaryny gowşurdy. 2

## BEÝIK ÝEŇŞIŇ şanly dabaralary

1941 – 1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňşiň baýram edilmegi her bir türkmen raýaty üçin şatlykly wakadyr. Ikinji Jahan urşunyň aldym-berdimli söweşlerinde beýleki milletler bilen bir hatarda, türkmen ýigitleri hem halkymyza mahsus bolan mertlik, gaýduwsyzlyk bilen söweşip, gahrymançylygyň belent nusgasyny görkezdiler. Olaryň gahrymançylyklary ýurdumyza abraý, dereje, mertebe getiren mertlikden nyşandyr. Hut şonuň üçin hem bu uruşda görkezilen gahrymançylyk, edermenlik milletiň hakydasynda baky orun tutdy.

Paýtagtymyzyň gözel künjekleriniň birinde «Halk hakydasy» ýadygärlikler toplumynyň bina edilmegi, ol ýerde «baky oduň» alawlap durmagy, ýurdumyzda uruş weteranlary hakynda döwlet derejesinde yzygiderli alada edilmegi, olaryň pensiýalarynyň dowamly köpeldilmegi, ýaşaýyş-durmuş derejeleriniň gowulandyrylmagy biziň ýurdumyzda Watan gerçeklerine berilýän üns-aladanyň döwlet derejesindedigindan habar berýär. 2



## ÇAGALARYŇ SAGLYGY – döwletiň gymmatly baýlygy

8-nji maýda Bäherden etrabynyň hassahanasyna Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň serişdeleriniň hasabyna satyn alnan Germaniýa Federatiw Respublikasynyň «B.Braun» kompaniýasynyň iki sany «Dialog+» kysymly gemodializ enjamy sowgat berildi.

Gany ekstrakorporal usulda arassalamak üçin niýetlenen bu döwrebap lukmançylyk enjamy dowamly böwrek ýetmezçiligi keselinden ejir çekýän näsaglary has netijeli bejermäge, şunuň esasynda olaryň ýaşaýşyny gowulandyrmaga, ömrüniň dowamlylygyny artdyrmaga ýardam berýär.

Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy esasynda 2021-nji ýylyň mart aýynda döredilen Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasy tarapyndan ösüp gelýän ýaş nesliň saglygyny goramak ugrunda uly işler alnyp barylýar. Gaznanyň bank hasaplaryna raýatlardan hem-de edara görnüşli taraplardan pul serişdeleri yzygiderli gelip gowuşýar. Bu



serişdeler howandarlyga mätäç çagalara tölegli lukmançylyk, bilim hyzmatlaryny bermäge, olaryň gowy dynç almaklary üçin mümkinçilikleri döretmäge, beýleki degişli zerurlyklary kanagatlandyrmaga gönükdirilýär. 2021-nji ýylyň tomsunda ýurdumyzyň welaýatlarynyň etrap we şäher hassahanalarynyň çagalar bölümlerine zerur enjamlar bilen üpjün edilen täze «Tiz kömek» awtoulaglary, Mary welaýat çagalar hassahanasyna «Savina» kysymly emeli dem beriş enjamy sowgat berildi. Şu ýylyň aprelinde Mary welaýat Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş merkezine iki sany «Dialog+» kysymly emeli böwrek enjamy sowgat hökmünde gowşuryldy.

Haýyr-sahawat gaznasy tarapyndan howandarlyga mätäç çagalara paýtagtymyzyň we welaýatlaryň lukmançylyk edaralarynda dürli operasiýalary geçirmek üçin serişdeleriň bölünip berilmegi, bejergi çykdajylarynyň tölenilmegi, çagalar öýlerinde, ýöriteleşdirilen mekdeplerde we mekdep-internatlarda terbiýelenýän, bilim alýan ýaş türkmenistanlylar üçin degişli lukmançylyk enjamlarynyň satyn alynmagy asylly däbe öwrüldi. Ynsanperwerlik kömeginiň diňe bir Türkmenistanyň çagalaryna däl, eýsem, köp sanly dostlukly döwletleriň çylşyrymly durmuş ýagdaýynda galan çagalarynada berilýändigini bellemek gerek.

## «EKSPO» SERGILERI – ykdysady ösüşleriň meýdançasy

Ýurdumyzda durmuş-ykdysady ulgamda baý tebigy serişdelerden rejeli peýdalanmakda, içerki mümkinçilikleri daşary syýasat bilen utgaşdyryp ösdürmekde belent sepgitlere ýetilýär. Ýurdumyzda ägirt uly möçberli we giň gerimli maksatnamalaryň durmuşa geçirilmegi netijesinde, Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiz gülläp ösüşiň, abadançylygyň, bagtyýarlygyň mekanyna öwrüldi. Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan dünýäniň ykdysady giňişligine doly derejede goşulyşmak ugruna eýermek bilen, Halkara sergiler edarasynyň howandarlygynda geçirilýän Bütindünýä EKSPO sergilerine üstünlikli gatnaşyp gelýär.



Ähli ulgamlarda ýetilen belent sepgitleri dünýä jemgyýetçiligine ýaýmak, ykdysadyýetiň eksport kuwwatyny artdyrmak we öňdebaryjy dünýä tejribesini öwrenmek maksady bilen, indi birnäçe ýyl bäri «EKSPO» sergilerine işjeň gatnaşyp gelýäris. 2

### Zerur içgileriň birine öwrüler

Alymlar ýakyn wagtda düýe süýdüniň dünýäde iň meşhur içgileriň birine öwrüljekdigini çaklaýarlar. Bu barada «PLOS One» žurnalynyň bilermenleri tarapyndan geçirilen barlaglarda mälim edilýär. Düýeler eýýäm Afrika ýurtlarynda öndürilýän süýdüň, takmynan, 8 göterimini üpjün edýär. 3

### Meşhur kofe görnüşleri: gyzgynmy ýa-da sowuk kofe?

Dünýä belli tagam gollanmasy bolan «Tasteatlas» köpçüliginiň halaýan 10 kofesiniň sanawyny ýaýratdy. Dünýäde iň köp içilýän gyzgyn we sowuk içimlikleriň biri bolan kofeniň ata Watany Efiopiýa hasaplanýar. 4

### «Wembley»-däki finalda «Borussiýa Dortmund» bilen «Real Madrid» duşuşar

UEFA Çempionlar Ligasynda finalçylar belli bolup, «Borussiýa Dortmund» 3-nji, «Real Madrid» 18-nji gezek finala çykdy. 5

### Garaşylmadyk ýeňiji

Formula 1 boýunça möwsümiň 6-njy ýaryşy Maýami «Gran Prisinde» garaşylmadyk sürüji ýeňiş gazandy. 5-nji hatardan başlan «McLaren» toparynyň britaniýaly sürüjisi Lando Norris ýeňiji bolup, ol 57 aýlawy 1 sagat 30 minut 49,876 sekuntda tamamlap, karýerasyndaky ilkinji ýeňşini baýram etdi. 6

# SENAGAT WE GURLUŞYK ÖNÜMÇILIGI PUDAGYNDA GIŇ GERIMLI IŞLER DURMUŞA GEÇIRILÝÄR



**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

## ÝAŞLYK SUW ARASSALAÝJY DESGASY ULANYLMAGA BERILDI

Şol gün hormatly Prezidentimiz Ahal welaýatyndaky kuwwatlylygy bir gije-gündizde 30 müň kubmetr bolan Ýaşlyk suw arassalaýjy desgasynyň açylyş dabarasyna gatnaşdy.

Täze toplum ýurdumyzyň we daşary ýurtlaryň önüm öndürijileriniň döwrebap enjamlary bilen üpjün edildi. Suw Garagum derýasyndan howdana iberilýär we bu ýerde tebigy usulda çökdürilýär. Soňra ýörite gözeneklerden geçirilip, mehaniki esasda süzülýär. Soňra bolsa suw sorujy bekedinden turba geçirijiler arkaly suw arassalaýjy desga iberilip, bu ýerde kaskad howalandyrma desgasy arkaly kislorod bilen baýlaşdyrylýar, demir, marganes ýaly minerallardan arassalanýar. Soňra suw himiki usul bilen arassalanylýar we suw sorujy enjam arkaly çäge hem-de kömür süzgüçlerinde süzülýär. Süzülen we doly arassalanan agyz suwy natriý gipohloridi bilen zyýansyzlandyrylyp, dört sany arassa suw howzuna berilýär. Arassa agyz suwy Ýaşlyk şäherçesine, onuň ýakynyndaky obalara iberilýär. Ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek maksady bilen, suw arassalamagyň dowamynda emele gelen çökündiler ýörite enjamlar, şol sanda guratmak we goýaltmak üçin niýetlenen dekanter enjamy arkaly zyýansyzlandyrylýar.

Şeýlelikde, şu günki wakalar Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynyň ýyl ýazgysynda täze sahypany açyp, hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda milli ykdysadyýetimizi mundan beýläk-de okgunly ösdürmäge, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini yzygiderli ýokarlandyrmaga gönükdirilen toplumlaýyn özgertmeleriň üstünlikli durmuşa geçirilýändiginiň nobatdaky güwäsine öwrülip, Garaşsyz Watanymyzyň döretmek ýoly bilen ynamly öňe barýandygyny tassyklady.







# «EKSPO» SERGILERI – ykdysady ösüşleriň meýdançasy

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Anyk aýtsak, ilkinji gezek 2010-njy ýylda Hytaýyň Şanhaý şäherinde, 2012-nji ýylda Koreýa Respublikasynyň Ýosu şäherinde, 2015-nji ýylda Italiýanyň Milan şäherinde, 2017-nji ýylda Gazagystanyň Astana şäherinde, 2021-nji ýylda Birleşen Arap Emirlikleriniň Dubaý şäherinde geçirilen «EKSPO» gözden geçirilişlerinde ýurdumyzyň mümkinçilikleri giňden açylyp görkezildi.

Häzirki wagtda bolsa, Ýaponiýanyň Osaka şäherinde guraljak «EKSPO – 2025» sergisine gatnaşmak üçin giň gerimde taýýarlyk görülýär. Mälim bolşy ýaly, hormatly Prezidentimiziň gol çeken resminamasyna laýyklykda, Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligine Ýaponiýanyň Osaka şäherinde 2025-nji ýylda geçiriljek «EKSPO – 2025» Bütindünýä sergisine gatnaşmak üçin Türkmenistanyň milli pawilýonynyň taslamasyny düzmek we ony ýanaşyk ýerlerini abadanlaşdyryp, ulanmaga doly taýýar edip gurmak hem-de beýleki degişli işleri ýerine ýetirmek barada «Belli» hojalyk jemgyýeti bilen şertnama baglaşmaga ygtyýar berildi.



«EKSPO – 2025» Bütindünýä sergisi 2025-nji ýylyň 13-nji apreli – 13-nji oktýabry aralygynda Ýaponiýanyň Osaka şäherinde «Biz ýaşaýşymyz üçin geljegiň jemgyýetini döredýäris» şygary bilen geçiriler. Bu iri ykdysady gözden geçiriliş çäresine gatnaşjak ýurdumyzyň milli pawilýonynyň gurluşygynda ekologiýa taýdan arassa we ýokary hilli materiallar ulanylýar. Mundan başga-da, Türkmenistanyň milli pawilýonynda ýapon halkyna we daşary ýurtly myhmanlara Türkmenistanyň milli medeni baýlyklary, ahalteke atlary, milli el halylary, öndürilýän önümler, ýurdumyzyň ýeten sepgitleri görkeziler hem-de türkmen milli tagamlary, sowgatlyk önümler hödürlener.

2023-nji ýylyň 14-16-njy noýabry aralygynda türkmen wekiliýeti Ýaponiýanyň Osaka şäherinde saparda bolupdy. Şonda Türkmenistan döwletimize «EKSPO – 2025» Bütindünýä sergisine gatnaşyjylaryň arasynda ilkinji bolup, milli pawilýon üçin ýer böleginiň bölünip berilmegi has-da buýsandyryjydyr. Şeýlelikde, Türkmenistan «EKSPO – 2025» sergisine gatnaşyjy 160 döwletiň arasynda ilkinji ýurt hökmünde milli pawilýony üçin ýer bölegini kabul edip aldy we ol ýerde Türkmenistanyň Döwlet baýdagy dikildi. Bilşimiz ýaly, döwletimiziň «EKSPO – 2025» sergisine ýokary derejede taýýarlyk görmekde nusga alarlyk döwletleriň biridigi halkara guramalaryň, daşary ýurtlaryň, şol sanda serginiň geçirilýän ýeri bolan Ýaponiýanyň wekilleri tarapyndan hem ykrar edilýär. Munuň özi türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyz, Arkadagly Gahryman Serdarymyz tarapyndan döredilýän uly mümkinçilikleriň miwesidir.

Bütindünýä sergileriniň baý taryhy bolup, bu iri ykdysady gözden geçiriliş çäreleri 1851-nji ýylda Londonda geçirilen ilkinji «EKSPO» sergisi bilen badalga aldy.

Bu sergiler ilkibaşda diňe senagat rewolýusiýasynyň gazananlaryny, täze oýlap tapyşlary köpçülige ýetirmek bilen çäklenen bolsa, soň-soňlar adamzadyň geljegi üçin bilelikde möhüm çözgütleriň hem-de başlangyçlaryň giňden tanyşdyrylýan meýdançasyna öwrüldi. «Ähli halklaryň senagat harytlarynyň beýik sergisi» adyny alan ilkinji «EKSPO» sergisinden başlanan däbi dowam etdirip, 2025-nji ýylda estafeta taýajygyny alýan Osakada guraljak nobatdaky forumyň «Ýaşaýşymyz üçin geljegiň jemgyýetini döredýäris» diýen şygary hem muny doly tassyklaýar.

**Kamila MARAWAÝEWA,**
*Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň institutynyň hukuk fakultetiniň dünýä dilleri kafedrasynyň mugallymy.*

# BEÝIK ÝEŇŞIŇ şanly dabaralary

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

1941 – 1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda Ýeňşiň gazanylmagyna türkmen halky hem mynasyp goşant goşdy. Müňlerçe watandaşymyz beýleki doganlyk halklaryň wekilleri bilen egin-egne berip, ýowuz duşmana berk gaýtawul bermekde, azatlygy, mukaddes topragy goramakda mertligiň, gahrymançylygyň beýik göreldesini görkezdi. Bu barada hormatly Prezidentimiz: «Watansöýüjilik, ynsanperwerlik, gaýduwsyzlyk, edermenlik türkmen halkynyň asyrlaryň dowamynda kemala gelen milli aýratynlyklaryna hem-de durmuş kadasyna öwrülen nusgalyk ýörelgeler bolup, olar dünýä taryhyna örän pajygaly, jebir-jepaly döwür hökmünde ebedi ýazylan 1941 – 1945-nji ýyllarda has-da aýdyň ýüze çykdy» diýip belleýär. Watandaşlarymyzyň köp sanlysy şol ýyllarda söweş meýdanlarynda görkezen edermenligi, gaýduwsyzlygy üçin orden-medallar bilen sylaglandy. Olaryň 100-den gowragy bolsa Gahryman diýen belent ada mynasyp boldy. Watan üçin, nesilleriň bagtyýarlygy üçin şirin janyny gaýgyrman söweşen merdana pederlerimiziň şöhraty baradaky ýatlamalar baky ýaşaýar. Olaryň atlary «Hatyra» hem-de «Şöhrat» atly ýörite neşirlerde ebedileşdirildi. Bu kitaplarda türkmenistanlylaryň Beýik Watançylyk urşunda görkezen gahrymançylygy baradaky maglumatlar beýan edilýär.



Gazaply uruş ýyllarynda Watany goramagy ähli zatdan ileri tutan gaýduwsyz gerçekleriň hatarynda hormatly Prezidentimiziň garry atasy, Gahryman Arkadagymyzyň atasy Berdimuhamet Annaýewiň hem bolandygyny aýratyn bellemek gerek. Mugallym, esger, ilhalar ynsan Berdimuhamet Annaýewiň ömür ýoly nesiller üçin watansöýüjiligiň, gaýduwsyzlygyň we belent borja wepalylygyň nusgasydyr.

Uruş ýyllarynda tylda zähmet çeken türkmenistanlylar hem Ýeňşiň gazanylmagyna öz goşantlaryny goşdular. Maglumatlara görä, 1941-nji ýylyň noýabryna çenli türkmen zenanlary fronta kömek üçin 2 müň 519 kilogram altyn-kümüş ýygnapdyrlar. Uruş ýyllarynda olar jemi 7 müň 392 kilogram altyn-kümüş şaý-seplerini Goranmak gaznasyna meýletin tabşyrýarlar. Munuň özi ynsanperwerligiň we watansöýüjiligiň belent nusgasyna öwrülýär. Çeper elli zenanlarymyz gyş günleri üçin ýyly egin-eşikleri, ören ellikdir joraplaryny-da frontdaky Watan goragçylaryna yzygiderli iberip durýarlar.

Ýurdumyzda uruş we zähmet weteranlaryna Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe belent sarpa goýulýar. Olaryň saglygy, durmuş taýdan goraglylygy babatda hemmetaraplaýyn aladalar edilýär. Şol ýyllarda görkezen edermenligine, çeken zähmetine ýokary baha berlip, olar döwletimiz tarapyndan mynasyp derejede sarpalanýar. Ministrler Kabinetiniň 3-nji maýda sanly ulgam arkaly geçirilen mejlisinde hormatly Prezidentimiziň 1941 – 1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňşiň 79 ýyllygy mynasybetli uruş weteranlaryna 200 manat möçberinde pul sowgadyny hem-de gymmat bahaly ýadygärlik sowgatlary gowşurmak barada Permana gol çekmegi munuň ýene bir aýdyň güwäsi boldy.

**Hydyr ABAKOW,**
*Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň institutynyň medeniýet we metbugat bölüminiň gözegçisi, polisiýanyň kapitany.*

# Taryhyň özboluşly beýany

«Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda Änewde geçirilýän dabaralardyr duşuşyklar, maslahatlar, täsirli çäreler bu gadymy şäheriň şöhratly taryhyny, baý medeni mirasymyzy öwrenmekde hem-de giňden wagyz etmekde uly ähmiýete eýe bolup durýar. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň «Änew — müňýyllyklardan gözbaş alýan medeniýet» atly kitaby bolsa, bu ugurda bahasyna ýetip bolmajak gymmatlyk, egsilmez hazyna bolup durýar.

Hormatly Prezidentimiziň «Änew — müňýyllyklardan gözbaş alýan medeniýet» atly täze kitaby Änew şäheriniň 2024-nji ýylda «Türki dünýäsiniň medeni paýtagty» diýlip yglan edilmegi mynasybetli çärelere badalga bermek dabarasynyň öňüsyrasynda halkymyza sowgat edildi. Ajaýyp eser gysga wagtda ulus-ilimiziň söýgüsini gazanyp, her birimiziň ýankitabymyza öwrüldi.

Ýurdumyzyň ähli sebitlerinde bolşy ýaly, Ahal welaýatynyň çäginde ýerleşýän ýadygärlikleriň goralyp saklanylmagyna-da aýratyn ähmiýet berilýär. Bu gymmatlyklar dürli arheologik döwürlere we milli medeni däp-dessurlara degişli bolmak bilen, halkymyzyň hem-de onuň geçmişiniň ruhy esaslary hökmünde döwürleri özara birleşdirip, häzirki döwrüň nesillerini ýagşy däp-dessurlaryň dowam etdirilmegine, türkmen topragynyň beýik geçmişine hormat bilen garamaga iterýär. Diýarymyzyň bu künjegi gadymy medeniýetleriň gatlaklaryny özünde saklaýar: Ahalyň dag eteklerinde ilkinji ekerançylar ak bugdaýy ösdürip ýetişdiripdirler, rowaýata öwrülen ahalteke bedewleri şu mekandan gözbaş alýar. Geçmişde bu ýerde medeniýetiň gülläp ösendigine bolsa, bar bolan taryhy maglumatlar şaýatlyk edýär.

Döwlet Baştutanymyz täze kitabynda: «Garaşsyz Watanymyzyň taryhynda Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe milli medeniýetimiziň ösüşiniň hem galkynyşlara beslenmegi alyp barýan işlerimiziň netijesini mälim eder diýip ynanýaryn. Änew ýaly gadymy mekany, Magtymguly Pyragy ýaly akyldary, ussat şahyry bolan halkyň medeniýetiniň bolsa adamzadyň medeniýetiniň ösüşlerinde uly paýynyň bardygy ikuçsuz hakykatdyr. Biz öz taryhymyza guwanýarys. Şol taryhyň häzirki zamanyň ruhy-medeni gurşawynyň kemala gelmeginde düýpli esas bolýandygyny hem ynamly ykrar edýäris» diýip belleýär.



«Änew — müňýyllyklardan gözbaş alýan medeniýet» atly kitapda ajaýyp pikir-garaýyşlaryň tymsallar bilen utgaşdyrylyp beýan edilmegi kitabyň ähmiýetini has-da artdyrýar. Bu bolsa Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň halkymyzyň şöhratly taryhy baradaky çuňňur biliminden, giň gözýetiminden, ýiti zehininden habar berýär.

**Oguljennet ANNAHANOWA,**
*Aman Kekilow adyndaky Mugallymçylyk mekdebiniň mugallymy.*

# Sportuň giň gerimde ösdürilýän mekany

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň alyp barýan döwlet ähmiýetli, il-gün bähbitli tagallalarynda sport syýasaty möhüm orunlaryň birini eýeleýär. Ýurdumyzda bina edilip, ulanylmaga berlen döwrebap stadionlar, sport mekdepleri we sport desgalary ýaş türgenleriň uly toparynyň kemala gelmegine ýardam etdi. Indi olar ýurdumyzyň sport abraýyny belende göterýärler.

Ýurdumyzda bedenterbiýäni, sporty, Olimpiýa hereketini ösdürmek, milli ýygyndy toparlarymyzy Olimpiýa oýunlaryna we halkara ýaryşlara taýýarlamak boýunça netijeli işler alnyp barylýar. Aşgabat şäherindäki Gyşky oýunlar sport toplumynda ýokary derejede geçirilen hokkeý boýunça halkara ýaryş ýurdumyzyň sport abraýyny has-da belende galdyrdy. Bu ýaryşyň jemleri boýunça Türkmenistanyň «Galkan» hokkeý topary birinji orna mynasyp boldy.

2024-nji ýylyň ilkinji dört aýynda ýurdumyzyň türgenleri halkara ýaryşlarda jemi 114, şol sanda 37 altyn, 39 kümüş, 38 bürünç medala mynasyp boldular. Hormatly Prezidentimiziň adyndan halkara ýaryşlarda üstünlikli çykyş edip, baýrakly orunlara mynasyp bolan türgenlere sylaglar dabaraly ýagdaýda gowşuryldy.

Häzirki wagtda ýurdumyzyň türgenleri şu ýylyň tomsunda Fransiýa Respublikasynyň Pariž şäherinde geçiriljek XXXIII Tomusky Olimpiýa oýunlaryna ýollanma gazanmak ugrunda hem iri sport ýaryşlaryna gatnaşyp, uly üstünlikler gazanýarlar. Şeýle ugurlaryň biri hem agyr atletika bolup, bu ugurda türkmen türgenlerinden Dawranbek Hasanbaýewiň Tailandyň Phuket şäherinde agyr atletika boýunça dünýä kubogynda görkezen netijesi bilen yklymyň iri sport ýaryşyna gatnaşmaga mümkinçilik alandygyny buýsançly bellemek bolar. Mälim bolşy ýaly, Türkmenistan döwletimiz özüniň taryhyndaky Olimpiýa oýunlaryndaky ilkinji medalyny agyr atletika sportundan gazanypdy.

Şeýle hem ýurdumyzda sportuň fijital futbol (physical+digital) we fijital basketbol 3x3 ýaly sanly sport görnüşleri hem ösdürilýär. Bilşimiz ýaly, Aziýanyň merjen şäheri hasaplanýan paýtagtymyz Aşgabat dünýäniň halkara sport hyzmatdaşlygynyň iri merkezleriniň birine öwrüldi.



Mälim bolşy ýaly, halkara sport hyzmatdaşlygyny ösdürmegiň çäklerinde Halkara Olimpiýa komiteti, Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüşiň we parahatçylygyň hatyrasyna sport boýunça hökümetara halkara býurosy, ÝUNESKO-nyň Bedenterbiýe we sport boýunça hökümetara komiteti, Aziýanyň Olimpiýa Geňeşi bilen parahatçylygyň we ynsanperwerligiň pugtalandyrylmagy ugrundaky ýola goýlan gatnaşyklar barha giň gerim alýar.

**Ýarangeldi ÇARYÝEW,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň ýokanç keseller kafedrasynyň assistenti.*

## Täze banknotlar dolanyşyga goýberildi

Argentinada ilkinji gezek 10 müň peso gymmaty bolan banknotlar dolanyşyga girizildi. 11 amerikan dollaryna barabar bolan täze banknotlar adamlaryň köp nagt pul götermeginiň öňüni alar. Ýurduň Merkezi banky nagt ulanylyşyny aňsatlaşdyrmak maksady bilen hümmeti has ýokary puly taýýarlady. Şeýle hem bank ýylyň ahyryna çenli 20 müň pesolyk banknotlaryň hem dolanyşyga goýberiljekdigini mälim etdi. Täze banknotlaryň çykmagy puluň daşalmagynda hem-de töleg edilende peýdaly bolar.



Täze pullar Hytaýda çap edilipdir. Ýurtda banknot çap etmäge mümkinçilik bar. Emma bu islegi kanagatlandyryp bilmändigi sebäpli Hytaý, Braziliýa we Ispaniýa ýaly ýurtlarda pul çap edilýär.

2023-nji ýylda çap edilen 2 müň peso gymmaty bolan banknotlar ýetmezçilik edýär. Ýurtda has köp 1000 pesolyk banknotlar ulanylýar. Dolanyşykdaky 1000 pesolyk banknotlaryň sany geçen ýyl 2022-nji ýyldakydan iki esse köpelipdi. Ýurtda töleg edilende, esasan, nagt pul ulanylýar.

Latyn Amerikasyndaky ýedi ýurtda hem-de Filippinlerde peso atly pul birligi ulanylyp, her ýurduň öz milli pesosy bar.

**Atageldi ARAZOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# Dana şahyry dünýä tanaýar

Magtymguly Pyragynyň edebi mirasy türkmen halkynyň medeni gymmatlygy, ruhy hazynasy hökmünde dünýä halklaryna giňden ýetirilýär. Häzirki döwürde döwletimiziň köpugurly tagallalary netijesinde dünýä halklary hem Magtymguly Pyragynyň okyjysyna öwrüldi. Şahyryň goşgulary häzire çenli dürli dillere terjime edildi. Ýaňy-ýakynda bolsa, bu goşgular ýygyndysynyň gyrgyz diline terjime edilendiginiň şaýady bolduk. Täze okyjylaryň ählisi beýik akyldaryň beýan eden umumadamzat gymmatlyklaryna, durmuş hakykatyna, durmuşa düşünmek üçin öňe sürýän ynsanperwer taglymatyna içgin aralaşýarlar.

«Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda Aşgabadyň günorta künjegindäki Magtymguly Pyragy medeni-seýilgäh toplumynyň dabaraly ýagdaýda açylmagyna garaşylýan häzirki günlerde akyldaryň zamananyň ösüşine, halklary, döwürleri we nesilleri birleşdirmäge goşan goşandyna düşünmäge oňaýly täsir edýär. Mälim bolşy ýaly, Magtymguly Pyragy medeni-seýilgäh toplumynda beýik türkmen şahyrynyň ýadygärliginden başga-da, 25 töweregi daşary ýurtly ýazyjy-şahyrlaryň heýkelleri oturdylar. Munuň özi hem dana şahyryň ynsanperwer taglymatlarynyň häzirki döwürde Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda alnyp barylýan parahatsöýüjilikli gatnaşyklaryň aýdyň mysalydyr.



Magtymguly Pyragynyň edebi mirasyny dünýä jemgyýetçiligine ýetirmekde Türkmenistanyň Telewideniýe, radiogepleşikler we kinematografiýa baradaky döwlet komitetiniň Oguzhan adyndaky «Türkmenfilm» birleşiginiň hem goşandy uludyr. Türkmen režissýorlary köp sanly ýurtlarda bolup, Magtymguly Pyraga bagyşlanan dokumental filmleri surata düşürdiler.

Şol dokumental filmleriň käbirleri eýýäm dünýä jemgyýetçiligine ýetirilip başlandy. Türkmen režissýorlarynyň Türkiýe Respublikasynda surata düşüren «Ol Rumystany görsem» atly dokumental filmi Türkiýäniň TRT teleýaýlymynyň «TRT Avaz» teleýaýlymynda, şeýle hem ýakynda Türkiýe Respublikasynyň Izmir şäherinde geçirilen «Turan» halkara kinofestiwalynda görkezildi. Akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň ömrüne we döredijiligine bagyşlanan «Ol Rumystany görsem» atly dokumental film halkara festiwalynyň ýörite baýragyna hem mynasyp boldy.

Şeýle hem türkmen režissýorlary tarapyndan doganlyk Gyrgyz Respublikasynda surata düşürilen «Magtymguly dünýäniň hakydasynda» atly dokumental film bu ýurduň köp sanly teleýaýlymlary arkaly tomaşaçylara hödürlendi. Maý aýynyň dowamynda gyrgyz dilinde ses berlen bu film Gyrgyz Respublikasynyň «Тв-15», «Регион», «7-канал», «MANAS TV», УТРК we «Madaniýat TV» teleýaýlymlarynda görkezilýär. Beýik türkmen şahyrynyň ömri we döredijiligi baradaky dokumental film gymmatly maglumatlary, taryhy faktlary we gyrgyz ylmy intelligensiýasy bilen geçirilen söhbetdeşlikleri öz içine alýar.

Umuman, Oguzhan adyndaky «Türkmenfilm» birleşigi Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy mynasybetli Özbegistanda, Azerbaýjanda, Eýranda, Türkiýede we Russiýa Federasiýasynyň Astrahan oblastynda dokumental filmleri surata düşürdiler.

**Ogulşeker GURBANOWA,**
*Türkmenistanyň Medeniýet ministrliginiň Aşgabat şäher medeniýet müdirliginiň merkezleşdirilen kitaphanalar ulgamynyň Nury Baýramow adyndaky kitaphana şahamçasynyň kitaphanaçysy.*

## Ýapon kompaniýalary bilen hyzmatdaşlygyny artdyrýar

Ýarymgeçiriji önümçiliginde dünýäniň öňdebaryjy kompaniýalarynyň biri bolan «Intel Corp.» 14 sany ýapon kompaniýasy bilen hyzmatdaşlygy ýola goýdy. Şeýlelikde, amerikan we ýapon kompaniýalary çip üpjünçilik zynjyrlaryny güýçlendirmegi maksat edinýärler. Kompaniýalar Tokioda «Ýarymgeçiriji montaž synag awtomaty we standartlaşdyrylmagy barlag bileleşigi» (SATAS) atly edara döretdiler. SATAS «Intel»-iň Ýaponiýadaky şahamçasynyň we ýapon kompaniýalarynyň gatnaşmagynda çip önümçiliginde awtomatlaşdyrylmagyny we standartlaşdyrylmagyny maksat edinýär. Bu kompaniýalar çipleriň gaplanmagy, birikdirilmegi we synagdan geçirilmegi ýaly işleri awtomatlaşdyrarlar. Muňa «Omron Corp.», «Murata Machinery», «Yamaha Motor» we «Resonac Holdings» ýaly dürli ugurlarda iş alyp barýan ýapon kompaniýalary hem ýardam eder.



Bu başlangyç bilen önümçiligiň netijeliliginiň ýokarlandyrylmagy, täze standartlaryň kesgitlenmegi, kompaniýalaryň global bäsdeşliginiň artdyrylmagy maksat edinilýär.

**Perman MÄMMETGULYÝEW,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*

## Hindistanda kagyz puluň ulanylyşy azaldy

Dünýäniň iň köp ilatly ýurdy bolan Hindistanda elektron töleg ulgamyndan has köp peýdalanylyp başlandy. Bilermenler elektron tölegiň ýurduň ykdysadyýeti üçin hem bähbitlidigini belleýärler. Dünýäde ykdysady taýdan bäşinji ýerde durýan Hindistanda Birleşen töleg interfeýsi (UPI) atly töleg ulgamy 2016-njy ýylda ulanylyp başlandy. Bu töleg ulgamy 15 ýyl ozal tanyşdyrylyp, şol wagt ýurtda tölegiň 96 göterimi nagt görnüşde amala aşyrylýardy. Bu ulgam raýatlara el telefonlaryny karz petegi hökmünde ulanmaga mümkinçilik berýär. Ulanyjylar goşmaça tutum bolmazdan, 600 töweregi bankdan öz hasaplaryna pul geçirip bilýärler.



Töleg ulgamy işe girizilenden soňra 500 we 1000 rupiýalyk banknotlar dolanyşykdan aýryldy. Şol wagt nagt puluň 86 göterimini bu 2 banknot emele getirýärdi. Soňra bolsa, 2 müň rupiýalyk pullar dolanyşyga goýberilipdi. Emma geçen ýylyň maý aýynda bu pullar hem dolanyşykdan aýryldy. Bu bolsa ýurtda nagt pula bolan zerurlygyň görnetin azalandygyny görkezýär.

**Çemen HOJAGELDIÝEWA,**
*Görogly etrabyndaky 1-nji orta mekdebiň mugallymy.*

## Rekord derejede ulag öndürdi

Ýaponiýanyň «Toyota» kompaniýasy şu ýylyň birinji çärýeginde ýeniň hümmetiniň peselmeginiň hem-de gibrid ulaglara islegiň ýokarlanmagynyň täsiri bilen 4,94 trillion ýen (31,9 milliard dollar) arassa peýda gazanandygyny mälim etdi. Şeýlelikde, bu görkeziji geçen ýylyň degişli döwründäkiden iki esse ýokary bolupdyr. Ýapon brendiniň girdejisi bolsa, mart aýynda tamamlanan maliýe ýylynda geçen ýylyň maliýe ýylyndakydan 21,4 göterim artyp, 45,1 trillion ýene ýetip, taryhyndaky iň ýokary görkeziji hasaba alyndy. Kompaniýanyň global satuwy soňky maliýe ýylynda Demirgazyk Amerikadaky hem-de Ýewropadaky gibrid ulaglara bolan ýokary islegiň netijesinde 10,3 million birlige ýetipdir. Şeýlelikde, kompaniýa bu ugurda öz rekordyny täzeläpdir. Awtoulag öndürijisiniň gibrid ulaglarynyň satuwy 31 göterim artyp, 3,7 milliona ýetipdir.



**Şageldi MYRADOW,**
*Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň talyby.*

## Iň yssy aprel aýy

Ýewropa Bileleşiginiň klimaty öwreniş gullugy (C3S) Ýer ýüzünde iň yssy aprel aýynyň hasaba alnandygyny mälim etdi. Şeýle hem soňky 11 aýyň ählisinde aýratynlykda yssy rekordynyň täzelenendigi mälim edildi. Şeýlelikde, geçen ýylyň iýunyndan bäri her aý ozalky ýyllardaky şol aýdan has yssy bolupdyr.



Soňky ýyllarda howa bilen bir hatarda deňiz ýüzündäki suwuň temperaturasy hem ýokarlanýar. Gazylyp alynýan energiýa çeşmeleri howanyň gyzmagynyň esasy sebäbi hökmünde görkezilýär. Şeýle-de bolsa, bilermenler Ýuwaş ummanynyň gündogarynda suwuň gyzmagyna sebäp bolan «El Nino» ýyly howa akymynyň hem howany gyzdyrýandygyny belleýärler.

**Begmuhammet MEREDOW,**
*Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň talyby.*

## Piramidadan beýik bolar

«SpaceX» kompaniýasynyň «Starship» atly raketasynyň Giza piramidasyndan beýik boljakdygy mälim edildi. Kompaniýa ýolbaşçylyk edýän Ilon Mask bu raketalar bilen Aýa, soňlugy bilen Marsa syýahaty ýola goýmagy maksat edinýär. Häzire çenli bu raketanyň has kiçi – uzynlygy 120 metre barabar bolan görnüşleri synagdan geçirilipdi. Bu raketanyň kuwwaty NASA-nyň iň uly raketasy bolan SLS-den iki essä golaý köp. Ilon Mask raketanyň soňky görnüşleriniň 140 metre barabar boljakdygyny mälim etdi. Deňeşdirmek üçin, Müsüriň iň beýik piramidasy bolan Giza piramidasynyň beýikligi 137 metre barabar. NASA Aýa ýük we astronawtlary gatnatmakda «Starship» raketalaryny ulanmak üçin «SpaceX» kompaniýasy bilen şertnama baglaşdy.



**Röwşen TÄÇBERDIÝEW,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

ESASLANDYRYJYSY –
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Maý aýynyň 10-y, 2024
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-113958
Belgisi: 19/1585
Tiražy: 9031
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# Si Szinpiniň Ýewropa sapary

5-nji maýda Hytaýyň Başlygy Si Szinpiniň Ýewropa ýurtlaryna 5 günlük sapary başlady. Ol Fransiýa, Serbiýa we Wengriýa döwlet saparlaryny amala aşyrdy. 6-njy maýda Hytaýyň Başlygy Fransiýanyň paýtagtyndaky Ýeliseý köşgünde guralan «Hytaý – Fransiýa-Ýewropa Bileleşigi» atly üçtaraplaýyn maslahatda Fransiýanyň Prezidenti Emmanuel Makron hem-de Ýewropa Komissiýasynyň başlygy Ursula fon der Lýaýen bilen gepleşik geçirdi.

Bu maslahatda Hytaýyň lideri Hytaý bilen Ýewropa Bileleşiginiň üstünlikli dowam etdirilýän hyzmatdaşlyga ygrarly bolmalydygyny aýtdy. Şeýle hem ol öz ýurdunyň Ýewropa sebitine möhüm hyzmatdaş hökmünde garaýandygyny belledi.

– Hytaý mundan beýläk hem Fransiýa we beýleki ýurtlar bilen ýokary derejeli gatnaşyklary çuňlaşdyrar. Fransiýa ýaşyl innowasiýa esasynda gaýtadan senagatlaşdyrýar, Hytaý bolsa, öz gezeginde, täze hilli öndürijilik güýçleriniň ösüşini çaltlandyrýar. Iki ýurt innowasiýa pudagyndaky hyzmatdaşlygy çuňlaşdyryp, bilelikdäki tagallalar arkaly ýaşyl ösüşe ýardam berip biler – diýip, Hytaýyň Başlygy Si Szinpin belledi.

Şeýle hem Hytaý dünýäde parahatçylygy we durnuklylygy saklamak üçin Fransiýa bilen özara gatnaşyklary we hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga bil baglaýar. Si Szinpin Hytaýyň dünýä jemgyýetçiligi, şol sanda Fransiýa bilen bilelikde dünýäde emele gelen çökgünliklerden çykalga gözlemäge taýýardygyny aýtdy.

Mundan başga-da, Hytaýyň Başlygy HHR bilen Fransiýanyň garaşsyz we özbaşdak ruhy



bolan iki sany uly ýurtdugyny we taryhyň dowamynda olaryň her biriniň dünýäniň ösüşine täsir etmäge ukyply bolandygyny belledi.

Bu sapar Fransiýanyň Prezidenti Emmanuel Makronyň, Serbiýanyň Prezidenti Aleksandr Wuçiçiň, Wengriýanyň Prezidenti Tamaş Şuýokyň we Wengriýanyň Premýer-ministri Wiktor Orbanyň çakylygy bilen amala aşyryldy. Hytaýyň başlygynyň bu sapary onuň sebite soňky bäş ýyldaky ilkinji saparydyr.

# Panamanyň täze Prezidenti

5-nji maýda Panamada geçirilen Prezident saýlawlarynda «Maksadyňa ýet» we «Alýans» bileleşiginiň dalaşgäri Hose Raul Mulino sesleriň 98,57 göterimden gowragyna eýe bolup, ýurduň täze Prezidenti boldy. Bu barada ýurduň saýlaw kazyýetiniň web sahypasynda mälim edildi. Saýlawçylaryň 34 göterimi, ýagny Panamanyň 769 müňden gowrak raýaty Hose Raul Mulino ses berdi.

Ikinji orunda «Başga ýol» hereketiniň başlygy Rikardo Lombano gelip, saýlawçylaryň 25 göterimden gowragynyň sesine eýe boldy. Panamanyň öňki Prezidenti Martin Torrihos bolsa, sesleriň 15,84 göterimi bilen üçünji orny eýeledi. Saýlawlara gatnaşyk 76,7 göterime deň boldy. Mundan öň ýurduň Prezidenti wezipesini 2019-njy ýylda saýlanan Laurentino Kortiso ýerine ýetirýärdi.

Mulino 1993-1994-nji ýyllarda Panamanyň Daşary işler ministrligine ýolbaşçylyk etdi. 2009–2010-njy ýyllarda adalat ministri, 2010–2014-nji ýyllar aralygynda bolsa jemgyýetçilik howpsuzlygy ministri



bolup işledi. Syýasatçy 2019-njy ýylda «Demokratik özgerişler» partiýasy tarapyndan Prezident saýlawlaryna gatnaşdy. Täze Prezident 2029-njy ýylyň 30-njy iýunyna çenli Panama ýolbaşçylyk eder.

Panama Respublikasy – Merkezi Amerikada, Karib deňzi bilen Ýuwaş ummanyň arasyndaky Panama gury ýer zolagynda ýerleşýär. Bu ýurt günbatarda Kosta-Rika we gündogarda Kolumbiýa bilen serhetleşýär. Ýurduň 4 million 400 müňden gowrak ilaty bar.

# 42 MILLION AGAÇ OTURDYLDY

Mongoliýanyň Prezidenti Uhnaagiýn Hurelsuh tarapyndan çölleşmäge garşy göreşmek maksady bilen başy başlanan «Milliard agaç» kampaniýasynyň çäklerinde häzire çenli mongol tokaýçylary we bagbanlary jemi 42 million agaç ekip, ýaprakly we gyrymsy agaçlaryň 120-den gowrak görnüşiniň 63 million nahalyny ösdürip ýetişdirdiler. Bu barada ýurduň Prezidentiniň metbugat sekretary Ulziýbaýaryn Zolbaýar mälim etdi.

Onuň sözlerine görä, Ulan-Bator we 21 mongol aýmagy, şeýle hem beýleki guramalar we kärhanalar, şol sanda magdançylyk pudagynda işleýän 21 iri gurama Mongoliýanyň Prezidentiniň 1 milliard agaç ekmek baradaky başlangyjyny goldap, 2030-njy ýyla



çenli jemi 608 million agaç ekjekdigini tassykladylar.

2021-nji ýylyň oktýabr aýynda 2030-njy ýyla çenli, azyndan, 1 milliard agaç ekmek barada tutuş ýurt boýunça kampaniýa resmi taýdan başlanypdy. Şonda Mongoliýanyň Prezidenti Uhnaagiýn Hurelsuh BMG-niň Baş Assambleýasynyň münberinden öz ýurdunyň çölleşmäge we howanyň üýtgemegine garşy göreşjekdigini mälim etdi. Şuny göz öňünde tutup, mongol hökümetiniň 2020-2024-nji ýyllar üçin iş meýilnamasyna tokaýlary dikeltmek we olaryň meýdanyny 9 göterime çenli ýokarlandyrmak ýaly birnäçe möhüm çäreler girizildi. Ekologlar Mongoliýanyň howanyň global üýtgemeginiň täsirlerine has durnuksyzdygyny belleýärler. Ýurduň geografik ýerleşişi sebäpli howanyň üýtgemegi bilen baglanyşykly tebigy betbagtçylyklaryň, çölleşmegiň we tupanlaryň ýygylygy ýylsaýyn artýar.

# Dünýä ykdysadyýeti çalt dikelýär

Ykdysady hyzmatdaşlyk we ösüş guramasy (OECD) 2024-nji ýylda global jemi içerki önümiň ösüşine ýokary baha berdi. Netijede, bu ýyl ösüş öňki garaşylýan 2,9 göterimiň ýerine 3,1 göterim bolar diýlip çaklanylýar. Bu barada guramanyň hasabatynda mälim edildi. Täze ykdysady hasabatda bellenilişi ýaly, 2025-nji ýylda ösüşiň öňki 3 göterim çaklamanyň ýerine 3,2 göterime ýetjekdigi bellenilýär.




– Pandemiýadan soň global ykdysady dikeliş çak edişimizden hem has çalt gidýär – diýip, Ykdysady hyzmatdaşlyk we ösüş guramasynyň başlygy Matias Kormann belläp geçdi. Onuň sözlerine görä, munuň sebäbi ýurtlaryň energiýa sarsgynlaryna uýgunlaşmagy hem-de Hytaý bazarynyň koronawirus ýokanjy bilen baglylykdaky uzak dowam eden çäklendirmelerden soňra açylmagydyr.

Bilermenler 2024-nji ýylda ozalky ösüş çaklamalaryna täzeden garadylar. Mysal üçin, ABŞ-da 2,1 göterimiň ýerine 2,6 göterim, Hytaýda bolsa, 4,7 göterimiň ýerine 4,9 göterim bolar. 2025-nji ýylda bu ýurtlarda ýene-de epesli ösüş gazanylar. Şol bir wagtyň özünde, gurama ýurtlaryň köpüsinde hümmetsizlenmäniň ýokary bolmagynda galýandygyny duýdurdy.

# Wladimir Putin wezipesine girişdi

Wladimir Putiniň Russiýa Federasiýasynyň Prezidenti hökmünde kasam kabul edişlik dabarasy 7-nji maýda Kremlde geçirildi. Şeýlelikde, Putin resmi taýdan alty ýyllyk möhlet bilen bu wezipä girişdi.



Hormat garawulynyň baýdak göterijileri Russiýa Federasiýasynyň Döwlet baýdagyny, Prezidentiň ştandartyny, Russiýanyň Konstitusiýasyny, Prezidentiň nyşanyny Kremliň uly zalyna getirdiler. Putin kasam kabul edenden soň, oňa Prezident häkimiýetiniň nyşanlary, şol sanda Russiýa Federasiýasynyň gerbiniň şekili bolan Georgiýew hajy gowşuryldy.

Kasam kabul edişlik dabarasyna Russiýanyň hökümet agzalary, federal ýygnagyň iki palatasynyň agzalary, Russiýa Federasiýasynyň Prezidentiniň dolandyryş diwanynyň ýolbaşçylary, Konstitusiýa kazyýetiniň kazylary, Merkezi saýlaw komissiýasynyň agzalary we diplomatik korpusyň wekilleri gatnaşdy. Dabara Russiýa Federasiýasynyň iň ýokary derejeli ordenleriniň eýeleri, Russiýanyň Gahrymanlary, işewür toparlar, dürli dinleriň wekilleri, jemgyýetçilik guramalaryň we birleşikleriň agzalary we beýleki myhmanlar gatnaşdy. Russiýanyň Prezidentiniň metbugat sekretary Dmitriý Peskow kasam kabul edişlik dabarasyna, takmynan, 2,6 müň adamyň gatnaşandygyny aýtdy.

Bu Putiniň döwlet Baştutany hökmünde bäşinji möhletidir. Onuň 2000-nji ýylda başlan ilkinji iki möhleti sekiz ýyl dowam etdi, Russiýanyň Konstitusiýasyna üýtgetmeler girizilenden soň, döwlet Baştutanynyň mandaty alty ýyla çenli uzaldyldy. Putin ilkinji alty ýyllyk möhletini 2012-nji ýylda, ikinjisini bolsa 2018-nji ýylda ýerine ýetirdi. 2020-nji ýylda Esasy Kanuna girizilen üýtgetmeler, şu ýylyň mart aýynda geçirilen saýlawlarda dalaşgärlik etmegine mümkinçilik berdi. Şol saýlawlarda Putin 87,28 göterim ses alyp, ýeňiş gazandy. Saýlawlara gatnaşyk 77,44 göterim bolup, bu görkeziji Russiýanyň taryhynda rekord derejededir. Putiniň häzirki möhleti 2030-njy ýylyň 7-nji maýynda tamamlanar.

# MEÝLETINÇILERIŇ HALKARA FORUMY

4-5-nji maýda Daşkentde Arkalaşygyň ýurtlarynyň meýletinçileriniň halkara forumy geçirildi. Bu çäre «Daşkent – GDA-nyň ýaşlar paýtagty» maksatnamasynyň çäginde guraldy. Özbegistanyň paýtagtynyň Ýaşlar paýtagty diýen hormatly ada eýe bolmagy baradaky karar 2023-nji ýylda Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň hökümet Baştutanlarynyň geňeşinde kabul edildi.

GDA ýurtlaryndan gelen meýletinçilik hereketiniň 100-den gowrak wekili meýletinçileriň işjeňligini artdyrmak, meýletinçilik hereketiniň ösüşine jemgyýetçiligiň ünsüni çekmek, netijeli meýletinçiligiň modelleriň we tehnologiýalaryň üstünlikli tejribesini ýaýratmak üçin şert döretmek we Arkalaşygyň ýurtlarynyň ýaşlarynyň arasynda jemgyýetçilik taýdan işjeň pozisiýa döretmek meselelerini ara alyp maslahatlaşdylar. Forumyň maksatnamasy tegelek stollary, diskussiýa platformalaryny, ussatlyk sapaklaryny we seminarlary öz içine aldy. Foruma gatnaşyjylar strategik sessiýalary geçirip, olarda dürli fleşmoblary guradylar.

Forumyň möhüm mowzugy, syýahatçylyk pudagynda işjeň durmuşyň






we päsgelçiliksiz ýaşaýyş meýdanynyň meselelerinden ybarat boldy. Forumyň çäklerinde maýyp çagalaryň we ýaşlaryň işjeň durmuşyna bolan gyzyklanmasyny artdyrmaga gönükdirilen höweslendiriji duşuşyklar we wideo söhbetdeşlikler geçirildi.

Forumyň dowamynda haýyr-sahawat ýarmarkasy hem guralyp, onda ýöriteleşdirilen internat we ýetimler öýleriniň çagalarynyň 500-den gowrak eseri görkezildi. Meýletinçilik işleriniň ýene bir möhüm ugry bolsa, daşky gurşaw jogapkärçiligi, ekoulgamlary gorap saklamak we tebigata hormat goýmak baradaky bilimleri wagyz etmekdir. Bu çäre, GDA agza döwletleriň ynsanperwer hyzmatdaşlygy döwletara gaznasynyň goldawy bilen Özbegistanyň meýletinçiler birleşigi tarapyndan guraldy.

# MIKELANJELONYŇ SERGISI AÇYLDY

Londonda Mikelanjelonyň ömrüniň we döredijiliginiň soňky 30 ýylyna bagyşlanan sergi açyldy. Öndürijilikli işlän suratkeş 1564-nji ýylda 89 ýaşynyň içinde aradan çykýar, ýöne ol ömrüniň soňky günlerine çenli sungat eserlerini döretmegini dowam etdirýär. 1534-nji ýylda Mikelanjelo Florensiýadan Rime gidýär. Şonda ol 59 ýaşynda bolup, döwürdeşleriniň köpüsi ony eýýäm gartaşan hasaplaýardy. Ýöne bu ädim Mikelanjelo üçin suratkeş hökmünde tejribesini düýpgöter özgerden täze dramatik döwrüň başlangyjy bolýar.

Britan muzeýiniň resmi web sahypasynyň habaryna görä, bu sergi Mikelanjelonyň Rim papasy Kliment VII çakylygyny kabul eden döwrüne bagyşlanýar. Kliment VII suratkeşe Sikstin ybadathanasyna «Soňky höküm» freskasyny çekmegi tabşyrýar. Bu eser oňa has köp sargyt getirip, Klimentiň ýakynlarynyň käbiri bilen dostlaşmagyna sebäp bolýar.

Şol döwürde Dawidiň heýkeli bilen şöhrat gazanan Mikelanjelo eýýäm Ýewropanyň iň meşhur suratkeşi



hasaplanýardy. Onuň ynamy, işjeňligi we umydy öz karýerasynda iň güýçli eserleri döretmegine itergi berýär. «Soňky höküm» üçin taýýarlan çyzgylary, onuň gujur-gaýratynyň näderejede egsilmezdigini görkezýär.

– Köp adam Mikelanjelo hakda gürrüň edilende, onuň diňe Dawidiň heýkeli we Sikstin ybadatnasyndaky freskasy ýaly ilkinji eserlerini ýatlap, onuň beýleki eserlerini unudýarlar – diýip, Britan muzeýinde sergini guraýjy Sara Woulz aýdýar.

Bu ýere gelýänler, Sikstin ybadathanasyndaky «Soňky höküm» freskasynda janlandyrylan şekilleriň eskizlerini we beýleki çyzgylaryny görüp bilerler. Onuň aradan çykmazyndan 10 ýyl öň çeken suratlary hem sergide goýlupdyr. Olar Mikelanjelonyň usulyýetiniň ýaşynyň ulalmagy bilen nähili özgerendigini görkezýär. Mikelanjelonyň ömrüniň soňky ýyllarynda döreden eserlerine bagyşlanan sergi bilen Londondaky Britan muzeýinde 28-nji iýula çenli tanşyp bolýar.

# ZERUR IÇGILERIŇ BIRINE ÖWRÜLER

Alymlar ýakyn wagtda düýe süýdüniň dünýäde iň meşhur içgileriň birine öwrüljekdigini çaklaýarlar. Bu barada «PLOS One» žurnalynyň bilermenleri tarapyndan geçirilen barlaglarda mälim edilýär. Bu haýwanlar eýýäm Afrika ýurtlaryndaky öndürilýän süýdüň, takmynan, 8 göterimini üpjün edýär. Hünärmenler 2030-njy ýyla çenli dünýäde düýe süýdüniň söwdasynyň 1,3 milliard dollardan geçip biljekdigini çaklaýarlar. Saud Arabystany, Birleşen Arap Emirlikleri, Gazagystan we Mongoliýa ýaly ýurtlarda düýe süýdi birwagtdan bäri adaty islegli önümleriň biridir.

– Şeýlelikde, Beýik Britaniýada 2050-nji ýyla çenli düýe süýdüniň köp öndürilip başlanmagy mümkin. Netijede, sygyr süýdüne garanyňda, düýe süýdüne isleg has-da artar – diýip, Oksford uniwersitetiniň adam geografiýasy kafedrasynyň mugallymy, doktor Ariel Ahern belleýär. Häzirki wagtda bu maksat bilen Günbatar ýurtlarynda dürli fermalar peýda bo-



lup ugrady. ABŞ-nyň Missuri ştatynyň daglyk ýerlerindäki ferma müň akrdan gowrak meýdany eýeläp, ol ýerde 200-den gowrak düýe idedilýär.

Düýeleri gurak howa şertlerinde saklamagyň birnäçe peýdasy bar. Ilki bilen sygyrlardan tapawutlylykda, düýeler ýowuz howa şertlerine, ylaýtada aşa yssa we gurakçylyga çydamly bolýarlar. Sygyrlar Ýewropadaky aram howa şertlerine oňat uýgunlaşan. Şoňa görä-de, bilermenler gurak ýerlerde sygyrlardan däl-de, düýelerden süýt almagyň has oňaýly boljakdygyny öňe sürýärler. Düýeden bir litr süýt almak üçin az iýmit we az suw ýeterlik. Munuň şeýledigini geçirilen barlaglar hem tassyklaýar. Mundan başga-da, «PLOS One» žurnalynda çap edilen barlaglar düýeleriň sygyrlara garanyňda, howa has az mukdarda metan goýberýändigini görkezdi.

Düýe süýdünde has köp C witamini we demir bar. Laktoza çydamsyzlygy bolan adamlar hem düýe süýdüni içip bilerler. Çünki onda ýag az bolýar. Geçirilen barlaglar bu içginiň gandaky şekeriň derejesini peseldip, süýji keseli bolan adamlaryň insuline duýgurlygyny ýokarlandyryp biljekdigini hem-de immun ulgamy üçin peýdaly maddalary öz içine alýandygyny görkezdi.

# IŇ BEÝIK ÝAŞAÝYŞ GÖKDIRÄNI GURLAR

**Dubaýdaky beýikligi 828 metr bolan Burj-Halifa gökdiräni dünýäniň iň beýik binasy hasaplanýar, ýöne ol ýaşaýyş binasy däl-de, täjirçilik maksatly desgadyr. Gökdiräniň uly bölegini iri kompaniýalaryň edaralary eýeleýär. Häzirki wagtda özüniň ägirt uly taslamalary bilen tanalýan bu şäherde dünýäniň iň beýik ýaşaýyş-durmuş maksatly gökdiränini gurmakda hem öňdeligi eýelemek kararyna gelindi.**

**Şeýlelikde, şäheriň merkezine we «Palm Jumeýra» emeli adasyna ýakyn ýerde, abraýly Marina sebitinde täze 122 gatly «Six Senses Residences Dubai Marina» toplumynyň gurluşygyna badalga berildi. Gökdiräniň beýikligi 517 metre deň bolup, bu häzirki iň beýik ýaşaýyş gökdiräni bolan Nýu-Ýorkdaky 472 metrlik «Central Park Tower» binasyndan 45 metr beýik bolar.**

**«Woods Bagot», «WSP Middle East» kompaniýalary we «Six Senses» myhmanhana operatory tarapyndan işlenip düzülen taslama, meýilnama laýyklykda, 2028-nji ýyla çenli tamamlanar.**

**«Six Senses Residences Dubai Marina» meýdany 1310 inedördül metre çenli bolan üç gatly, bäş otagly penthauslary hem hasaba alanyňda 251 sany kaşaň otagy öz içine alar. Onuň ýaşaýjylary sport zaly, spa-merkezi, kinoteatr we «ses bilen bejeriş studiýasy» ýaly, giň infrastrukturadan peýdalanyp biler. Otaglaryň bahalary entek mälim edilmedi, ýöne taslamanyň aýratynlygyny we ýerleşýän ýerini göz öňünde tutanyňda, olaryň millionlarça dollar boljakdygyny çaklamak bolar.**



# DÜNÝÄ TÄZELIKLERI

gysga setirlerde

► **Middlton öňe saýlandy.** Beýik Britaniýalylaryň köpüsi Keýt Middltony özleri üçin Korol maşgalasynyň iň gowy görülýän agzasy hökmünde saýladylar. Onuň üçin pikiri soralanlaryň 63 göterimi ses berdi. Şeýlelikde, şazadanyň aýaly Keýt bu sanawda uzak wagtlap liderligi eýelän ýanýoldaşy şazada Uilýamdan öňe saýlandy.



► **Sadyk Han ýeňiş gazandy.** Gaýtadan saýlanan Londonyň ýerli häkimiýetiniň ýolbaşçysy Sadyk Han bu wezipede üçünji möhlete galar. Şu aýyň başynda geçirilen saýlawda «Zähmet» partiýasyna wekilçilik edýän Han 43,7 göterim sese, onuň konserwatiw bäsdeşi Sýuzan Holl bolsa, 32,6 göterim sese eýe boldy.



► **Aglaýan bäbekleriň festiwaly.** Tokioda aglaýan bäbekleriň festiwaly diýlip tanalýan Naki-sumo festiwaly geçirildi. Bu bäsleşige bir ýaşa çenli çagalaryň 100-den gowragy gatnaşdyryldy. Ynanja görä, çaganyň aglaýan sesi näçe gaty bolsa, ol şonça-da sagdyn we güýçli bolýar. Bäsleşikde iň gaty sesi bilen dowamly aglan çaga ýeňiji bolýar.



► **Gowşak parollar gadagan edildi.** Beýik Britaniýada «akylly» enjamlarda «admin» ýada «12345» ýaly gowşak parollaryň ulanylyşyny gadagan etmegi göz öňünde tutýan, ulanyjylary haker hüjümlerinden goramak düzgünleri güýje girdi. Şeýlelikde, täze kanuna laýyklykda, ýurtda enjamlarda gowşak parollary ulanmak gadagan ediler.




► **Öňünden ýer bronlap bolar.** «SpaceX» kosmos kompaniýasynyň resmi web sahypasynda «Human Spaceflight» atly täze bölüm açyldy. Onda ulanyjylar gelejekdäki kosmos uçuşlary üçin ýerleri bron edip bilerler. Saýlamak üçin, Ýeriň orbitasy, Halkara kosmos stansiýasy, Aý we Mars ýaly dört ugur bar. Kosmosa syýahatyň bahalary we takyk senesi entek yglan edilmedi.



► **Alty dünýä rekordyny täzeledi.** 15 ýaşly Aleks Taç soňky iki aýda «Tetris» oýnunda birbada alty dünýä rekordyny goýdy. Mart aýyndan bäri Aleks Taç «Tetris»-de öňki iň ýokary 6,8 million utukdan geçip, iki gezek 16 milliondan ýokary utuga ýetdi. Onuň soňky rekordy 16,7 million utuk boldy. Aleks Taç 2 müň 300 dollar möçberinde baýrak aldy.



► **Robot uçarbelet gyz.** «Qatar Airways» awiakompaniýasy 6-9-njy maý aralygynda Dubaýda guralan halkara syýahatçylyk sergisinde emeli aň tehnologiýasy bilen abzallaşdyrylan dünýäniň ilkinji adampisint ýolbelet gyzy «Sama 2.0»-ni görkezdi. Ol kompaniýanyň işi bilen baglanyşykly berilýän soraglara jogap berýär.



► **«Çane-6» stansiýasyny uçurdy.** Hytaý taryhda ilkinji gezek Aýyň arka tarapyndan toprak nusgalaryny ýygnamak üçin «Çane-6» awtomatik kosmos stansiýasyny üstünlikli uçurdy. «Çane-6» Aýa asuda gonansoň, Aý topragyndan nusgalary ýygnar. Soňra yzyna gaýtaryş moduly nusgalary Ýere getirer. Missiýa 53 gün dowam eder.



► **Müň ýyl ozalky gylyç.** Arheologlar Walensiýadan (Ispaniýa) tapylan 46 santimetrlik gylyjyň ýaşyny kesgitlediler. Arheologlaryň çaklamalaryna görä, bu gylyç soňky gezek X asyrda, Ispaniýanyň aglaba bölegi musulman hökümdarlarynyň ygtyýaryndaka ulanylypdyr. Onuň tutawajy bürünç bilen bezelip, tygynyň özboluşly egriligi bar.



► **Asmandan balyk ýagdy.** Eýranyň Ýasuj şäherinde «balykly ýagyş» ýagdy. Jemgyýetçilik torlarynda goýlan wideo görnüşlerde balyklaryň ýola gaçyp, ulaglaryň arasynda urnup ýatandygyny görmek bolýar. Bu ýagdaý suw howdanynyň üstünden aýlanyp, balyklary birnäçe kilometr uzaklyga zyňan harasadyň netijesidir.



# TARYHDA ŞU GÜN

**1503-nji ýylyň 10-njy maýynda Ispaniýanyň meşhur deňizçisi Hristofor Kolumbyň Täze Dünýä amala aşyran soňky ekspedisiýasynda Kaýman adalary ýüze çykarylýar. Häzirki wagtda Beýik Britaniýa degişli bolan Kaýman adalary Karib deňziniň demirgazyk-günbatar böleginde, Kuba bilen Ýamaýkanyň arasynda ýerleşýär.**





Sahypany taýýarlan Ýegenmämmet TAÝLYÝEW.

# Meşhur kofe görnüşleri: gyzgynmy ýa-da sowuk kofe?

**Dünýä belli tagam gollanmasy bolan «Tasteatlas» köpçüligiň halaýan 10 kofesiniň sanawyny ýaýratdy. Dünýäde iň köp içilýän gyzgyn we sowuk içimlikleriň biri bolan kofeniň ata Watany Efiopiýa hasaplanýar. Häzirki wagtda kofeniň tagam we taýýarlanyş babatda biri-birinden tapawutlanýan 35-den gowrak görnüşi bar. Köpler kofeni gyzgyn içimlik diýip hasaplaýan bolsa, köpler sowuk kofeni tomus paslynda jana şypa beriji içimlik hökmünde içýärler. Geliň, kofeniň has meşhur görnüşleri bilen tanyş bolalyň!**













**Kuba espresso, Kuba.** «Kafecito» hem diýilýän kuba kofesi espresso maşynynda taýýarlanýar. Ilkibaşda gaýnadylyp, soňra nah matadan süzülip şeker goşulan kuba kofesi häzirki wagtda maşynkada taýýarlanýar. Şeýle hem bu içgä ak şeker däl-de, demerara şekeri (tebigy goňur şeker) goşulýar. Ýeri gelende bellesek, Kubada goňur şeker has ýaýrandyr. «Kafecito» kofesinde açyk goňur köpürjik emele gelýär. Bu kofe adatça günortan içilýär we ýany bilen bir bulgur suw berilýär. Kubano kofesi Kubada we ABŞ-da hormat-sylagyň we medeni işjeňligiň möhüm bir bölegi bolup durýar.

**Hindi süzgüçli kofe, Hindistan.** Süzgüçden geçirilen hindi kofesini taýýarlamak üçin üwelen kofe, çikori (hindiba oty), süýt we şeker gerek. Ilki üwelen kofe çikori oty bilen bilelikde gaýnadylýar. Soňra üstüne süýt we şeker goşulyp, ýuwaşjadan damýan süzgüçden geçirilýär. Gyzgynjak, köpürjikläp duran süýtli kofä Hindistanda «süzülen kaapi» hem diýilýär.

**Freddo espresso, Gresiýa.** Kofeniň bu görnüşi gaýnadylyp sowadylan espressony buzuň üstüne guýup, mikserde üwemek arkaly taýýarlanylýar. Freddo kofesi hödür edilende ýany bilen buz bölejikleri hem goýulýar. Sowuk kofe, esasan, tomusda köp içilýär. Käte kofeniň üstüne süýt kremi goşulyp hem taýýarlanýar.

**Kapuçino, Italiýa.** Italiýanyň Turin şäherine degişli kapuçino kofesi XVIII asyrda Awstriýanyň kofehanalaryndan ylham alnyp taýýarlanypdyr. Italiýada kapuçino diýlen söz ilkinji gezek 1930-njy ýyllarda agzalyp başlanýar. Şol ýyllarda espresso maşynynyň oýlanyp tapylmagy bilen turinliler kofeni demlemegiň täzeçe usulyny tapýarlar. Kapuçino demlemek üçin, ilki çaşka espresso kofesi guýulýar. Soňra üstünden bugly doňdurylan süýt guýlup, onuň üstünden hem süýt köpürjigi goşulýar. Üç bölekden ybarat bu kofe italýanlaryň iň meşhur içimlikleriniň biri hasaplanýar.

**Türk kofesi, Türkiýe.** Türk kofesiniň artykmaçlygy gowrulan kofe dänesi mis tüňçede suw we şeker bilen pes otda köpürjikleýänçä gaýnadylýar. Şeýlelikde, goýy we ýiti türk kofesi emele gelýär. Kofeni demlemegiň bu usuly beýleki kofe görnüşlerinden düýpgöter tapawutlanýar. Güýçli we ýiti tagamly türk kofesi Türkiýede, arap ýurtlarynda we Gündogar Ýewropada meşhur içimlik hasaplanýar.

**Ristretto, Italiýa.** Kofeniň bu görnüşi üç-dört owurt mukdarda hödür edilýär. Içi görünýän bulgurda içilýän ristretto kofesine azajyk suw goşulýar. Kofeniň bu görnüşi beýleki görnüşlerden has güýçli hasaplanýar.

**Frappe, Gresiýa.** Frappe sözi XIX asyrda ýüze çyksa-da, kofeniň bu görnüşi 1957-nji ýylda oýlanyp tapylýar. Tiz taýýarlanýan frappe kofesine suw we buz goşulýar. Çemçe bilen garylyp, bulgurlara guýlanda köpürjikleýän bu kofe süýjüligi babatda üç görnüşde taýýarlanylýar. Frappe kofesi aýna bulgurda hödür edilýär.

**Doňdurmaly kofe, Germaniýa.** Nemesleriň taýýarlaýan sowuk kofesine sowadylan espresso kofesi we bir çemçe wanil doňdurmasy goşulýar. Kofe mazaly garyşdyrylandan soň, kiçijik çemçe ýa-da turbajyk bilen bilelikde uzyn bulgura salnyp hödür edilýär. Adatça doňdurmaly kofeniň üstüne şekersiz krem hem goşulýar.

**Buzly kofe, Wýetnam.** Ýerli dilde «Cà phê đá» diýilýän bu kofeni taýýarlamak üçin kondensirlenen süýt we buz goşulýar. Kofe «phin» diýilýän ýönekeý metal süzgüçden geçirilip demlenýär. Soňra sowadylan kofe buzuň üstüne guýulýar we süýt bilen garylýar. Buzly kofe adatça uzyn bulgurda berilýär.

# Men agşam hor çekdimmi?

**Irden turup iň köp soralýan soraglaryň biri hem «Men agşam hor çekdimmi?». Hor çekmek ýygy-ýygydan duş gelip, horlamagyň nähili ýagdaýda, nädip emele gelýändigi hemmeler üçin gyzykly bolsa gerek. Çak edilişine görä, ulularyň 45 göterimi wagtal-wagtal, 25 göterimi yzygiderli hor çekýär. Hor çekmek saglyk bilen bagly ýagdaýmy? Eýsem, horlamagyň öňüni alyp bolýarmy?**



Horlamak dem alyş ýolundaky bölekleýin päsgelçilik, bokurdagyň çişmegi we myşsalaryň gowşamagy sebäpli ýüze çykýar. Howa ýoly petiklenip, aňsatlyk bilen dem alyp bolmaýandygy sebäpli, dem alnanda bokurdakda titreme döräp, horruldyly ses emele gelýär. Horlamak adamyň hem özüne, hem-de töweregindäkileriň dynç alşyna täsir edýär. Hor çekýän adamda ertesi gün ýadawlyk alamatlary bilen birlikde, kellagyry, bedende käbir agyrylar ýaly alamatlar ýüze çykyp biler.

**HOR ÇEKMEGIŇ SEBÄBI NÄME?**

Kadaly uklamaga päsgel berýän bu ýagdaý adam saglygy bilen bagly ýüze çykyp biler. Adatça horlamak agzyň we bokurdagyň gurluşyna baglylykda döräp bilýär. Käwagt horlamak gündizki ýadawlyklar bilen bagly bolup biler. Emma dowamly hor çekmek burnuň, bokurdagyň, eňegiň gurluşy bilen bagly, dodagyň çişmegi, artykmaç agram, derman serişdeleriniň ulanylmagy, ýürek ýetmezçiligi sebäpli ýüze çykyp biler.

**HORLAMAGYŇ ALAMATLARY**

Horlamak öz-özünden döreýän wagtlaýyn alamat hasaplanýar. Ýöne bu ýagdaý uzak dowam etse, saglyk bilen bagly duýduryş bolup biler. Irden turanyňda bokurdagyň agyrmagy, dowamly ýadawlyk, gan basyşynyň üýtgäp durmagy, uklamakda kynçylyk çekmek, basyrganmak, tiz gaharlanmak hor çekilenden soňky alamatlar bolup, şeýle ýagdaýlarda lukmana ýüz tutmak maslahat berilýär. Lukmana öz̈ünde bolup geçýän alamatlary düşündirmek, hor çekmegiň sebäbini anyklamak saglyk üçin möhümdir. Köplenç hor çekmek durmuş endikleriňi üýtgetmek we sagdyn durmuş ýörelgesine eýermek arkaly bejerilýär. Has galyň ýassykda ýatmak, bir gapdala uklamak, berhiz saklamak, ýeňil iýmitlenmek, zyýanly serişdelerden daşda durmak hor çekmegiň öňüni almaga ýardam edýär.

# Uzak wagt işlemegiň netijesi

**Bilermenleriň geçiren barlaglaryna görä, dynç almazdan we arakesme etmezden uzak wagtlap işlemegiň depressiýa hem-de dowamly kesellere sebäp bolýandygy ýüze çykaryldy. Bilermenleriň bellemegine görä, uzak wagtlap işlemegiň zyýanly tarapy gijesine hem zähmet çekmek bilen bagly bolup, bu ýagdaý «ýetginjeklik döwrüniň meýilnamasyna» gabat gelýär. Orta ýaşlylarda köp duş gelýän goşmaça işler wagtyň geçmegi bilen dartgynly ýagdaýlara we saglygyň peselmegine sebäp bolýar.**



**ABŞ-da geçirilen barlaglarda 30 ýylyň dowamynda 7 müňden gowrak işçiniň gün tertibi gözden geçirildi. Barlaga gatnaşanlaryň dördüsinden diňe biriniň gündiz işleýändigi we gijesine dynç alýandygy anyklandy. Synaga gatnaşyjylaryň dörtden üç bölegi 22-50 ýaş aralygynda bolup, gijesine hem işleýändiklerini belleýärler. Geçirilen söhbetdeşliklerde işçiler gündizki iş tertibinden soň gijesine hem zähmet çekendiklerini aýdyp, 50 ýaşa ýetenlerinde saglyk bilen bagly ýaramaz ýagdaýlara duçar bolandygyny bellediler. Barlaga gatnaşyjylar: «Uzak wagtlap işlemek saglygyňy peseldýär we adamy gurpdan düşürýär» diýip, dynuwsyz zähmet çekmegiň gowy endik däldigini aýtdylar.**

**Ýaşlyk ýyllarynda ýadawlyklaryň duýulmaýandygyna garamazdan ýaşyň bir çene baranda dowamly hereketler we ukusyz gijeler toplanyp, nerw bozulmalaryna, ýürek-damar ulgamyndaky ýetmezçiliklere, süýji keseline, semizlige we uky bozulmalary ýaly ýagdaýlara sebäp bolýar. Şeýle-de, gijesine işlemek gündizki işiň hiline hem öz täsirini ýetirýär. Ýagny öň ýeňillik bilen ýerine ýetirýän we şowly netije gazanýan pişämiz soňlugy bilen kynlaşyp başlaýar. Zähmet karýerasynda kämilleşilmän we ösüş gazanylman, çökgünlikler emele gelýär. Netijede, edýän işimizden – saýlan kärimizden sowaşyp başlaýarys hem-de dartgynly ýagdaýlar we nerw bozulmalary ýüze çykyp ugraýar.**

**Bilermenler uzak wagtlap işlemegiň saglyk üçin zyýanlydygyny belläp, gün tertibine görä hereket etmegi, wagtly-wagtynda iýip-içmegi we dynç almagy maslahat berýärler. Adamyň sagdyn bolmagy üçin, esasan hem, ýeterlik we kadaly uky zerur. Şol sebäpli agşamyna tehnologik enjamlardan, umuman iş otagyndan uzaklaşyp, talabalaýyk dynç almagy endik etmeli.**

## ÇAGALAR

**Çagalara niýetlenen çygly süpürgiçler 1983-nji ýylda «çaga süpürgiçleri» markasy bilen köpçülikleýin satuwa çykarylýar.**

# Tankyt etmek aňsat...

(Tymsal)



**Şäherden uzakdaky obalaryň birinde höwesjeň suratkeş oglan ýaşapdyr. Ol diýseň owadan suratlary çekipdir, ýöne obadaşlary onuň işine hemişe kembaha garapdyrlar. Onuň ýanyna gelýän bikärler, suratlardan kemçilik gözläp, tankyt etmäge başlaýan ekenler. Günleriň bir güni bularyň bolşundan nägile bolan suratkeş, çeken kartinalaryny öýüniň öňünden asyp goýupdyr. Ol çeken suratlaryna kembaha garaýan tankytçylaryň ählisinden suratlaryň kem ýerlerini düzetmek üçin ýanlary bilen çotkadyr boýag getirmeklerini towakga edipdir. Elbetde, tankytçylaryň biri hem ol ýerde gara bermändir.**

**Tankyt etmek aňsat, emma düzetmek welin kyn.**



# Kebelekler barada gyzykly maglumatlar

- ☑ Dünýäde kebelekleriň 200 müňe golaý görnüşi bar.
- ☑ Kebelekler sanalgy gün ýaşaýan mör-möjekler hasaplanýar. Kebelegiň monarh diýen görnüşi 6 aýdan 12 aýa çenli ýaşap bilýär.
- ☑ Kebelekleriň tagam duýujylygy aýagynda ýerleşip, edil arylar ýaly gülleriň şiresi bilen iýmitlenýärler.
- ☑ Kebelekler hem edil arylar ýaly tozanlandyrma işini alyp barýan mör-möjekler hasaplanýar.
- ☑ Kebelek köpelmek üçin bir gezekde milliona golaý ýumurtga taşlaýar. Kebelegiň kemala gelşi 4 döwre bölünýär.
- ☑ Kebelegiň iň çylşyrymly agzasy gözi bolup, 6 müň linzadan ybarat.
- ☑ Bu mör-möjekler eşitmeýär, emma daş-töweregindäki hereketleri ýokary derejede duýýarlar.
- ☑ Kebelegiň käbir görnüşi sagatda 60 kilometr tizlik bilen uçup bilýär.
- ☑ Kebelek howpdan goranmak üçin jansyz ýaly bolup ýatýar.
- ☑ Kebelekler rahatlandyryjy mör-möjek hasaplanýar. Şonuň üçin köp öýlerde, dynç alyş merkezlerinde we hassahanalarda kebelekli aýna gaplar saklanýar.



7 tapawudy tapyň!

Sanlary birleşdiriň we şekilleri reňkläň!





Gyzykly pursat




# ÇYGLY SÜPÜRGIÇ haçan oýlanyp tapyldy?

**Arassaçylyk serişdesi hasaplanýan çygly süpürgiç soňky ýyllarda durmuşymyzyň aýrylmaz bölegine öwrüldi. Eýsem, elimizi, köwşümizi, okuw esbaplarymyzy, stoluň we oturgyjyň üstüni arassalamak üçin giňden ulanylýan çygly süpürgiç haçan oýlanyp tapyldyka?!**

Çygly süpürgiç bir gezeklik ulanylýan arassaçylyk serişdesi bolup, dürli ysly we zyýansyzlandyryjy görnüşleri bar. Kiçijik mata bölejikleri ulanmak üçin oňaýly bolup, öý arassaçylygynda, lukmançylyk hyzmatlarynda we ofis işlerinde giňden peýdalanylýar.




**TARYHY**

Amerikaly kosmetolog Artur Julius çygly süpürgiji oýlap tapyjy hasaplanýar. Ol täze görnüşdäki arassaçylyk serişdesini oýlap tapmak üçin birnäçe synanyşyk edýär. 1957-nji ýylda Nýu-Ýorkdaky öýünde güýmenip ýörkä, tötänlikde arassalaýjy erginiň üstüne mata bölegini gaçyrýar. Bir-iki sagat geçenden soň, hälki mata bölegini gözleýär we erginiň içine gaçandygyny görýär. Julius munuň täze oýlap tapyş boljakdygyna ynanýar we 1960-njy ýylda Çikagoda geçirilen milli restoran sergisine çygly süpürgijini getirýär. Şondan soňra arassaçylyk işini ýeňilleşdirýän erginli mata bölegi köpçülikleýin ulanylyp başlanýar.

**ÇAGA SÜPÜRGIÇLERI**

1950-nji ýyllarda maşgala syýahatlary köpelip ugransoň, çagaly ýolagçylar, esasan hem, bäbekli maşgalalar üçin ýolda ulanylýan arassaçylyk serişdesine zerurlyk duýlup başlanýar. Netijede, çagalara niýetlenen, bakteriýalara garşy arassaçylyk kagyzy peýda bolýar. Çaga süpürgiçlerini ilkinji bolup «Nice-Pak» kompaniýasy öndürip başlaýar. Çagalaryň duýgur we näzik derisine niýetlenen çygly süpürgiçler 1983-nji ýylda «çaga süpürgiçleri» markasy bilen köpçülikleýin satuwa çykarylýar. 1990-njy ýyllarda çygly süpürgiçden nusga alnan «Huggies», «Procter & Gamble's Pampers» çaga arlyklarynyň (pampers) ilkinji satuwy başlanýar. Şol döwürden soň halkyň içinde ýörgünli bolan çygly süpürgiçler we bir gezeklik ulanylýan çaga arlyklary ýörite pudaga öwrülýär. Şeýlelik bilen, bu ugurdan iş alyp barýan birnäçe kompaniýalar peýda bolýar. Häzirki wagtda çygly süpürgijiň bäbeklere niýetlenen zyýansyz hasaplanýan ECO görnüşleri hem öndürilýär.

Çygly süpürgiçleriň 90 göterimi poliesterden ýa-da polipropilenden (sintetik mata) öndürilýär. Çygly süpürgijiň hiline baglylykda suw we zyýansyzlandyryjy spirt ulanylýar. Şeýle hem dürli ys berijiler bilen baýlaşdyrylýar. Çyglandyrylan kiçijik mata bölejikleri dürli ululykdaky gaplara (maşgala üçin niýetlenen, jübä sygýan kiçijik görnüşi) ýerleşdirilýär. Juliusyň restoran hyzmatlary üçin oýlap tapan çygly süpürgiji häzirki wagtda dürli maksatlar bilen ulanylýar. Çagalar we ulular üçin niýetlenen dürli görnüşli çygly süpürgiçler eşikdäki tegmilleri, ýag galyndylaryny, zyýanly hapalary aňsatlyk bilen aýyrmaga ýardam edýär.

## Bir sözlemde



Omanyň paýtagty Maskat şäherinde oýnalan AFK Kubogynyň finalynda Awstraliýanyň «Sentral Koast Mariners» topary çempion bolup, olar finalda Liwanyň «Al-Ahed» toparyny Alu Kuolyň 84-nji minutdaky goly esasynda 1–0 hasabynda ýeňdi we bu ýaryşda ýeňiş gazanan ilkinji Awstraliýa kluby hökmünde bellige alyndy.

NBA-da adaty möwsümiň iň ökde oýunçysy (MVP) diýlip, «Denwer Naggetsiň» 29 ýaşyndaky serbiýaly super ýyldyzy Nikola Ýokiç saýlanyp, ol 2021-nji we 2022-nji ýyllardan soň bu baýragy 3-nji gezek almagy başardy we ony azyndan 3 gezek gazanan 9-njy basketbolçy boldy.

NBA-da «Minnesota Timberwolwes» toparynyň basketbolçysy Rudi Gobert adaty möwsümde ýylyň goragçysy diýlip (Defensive Player of the Year) saýlanyp, 31 ýaşyndaky oýunçy bu ugurda Wiktor Wembanýama, Bam Adebaýo, Antoni Dewis dagydan köp ses aldy.

NBA-da sesleriň ählisini alan «San Antonio Spars» toparynyň 20 ýaşyndaky fransuz ýyldyzy Wiktor Wembanýama «ýylyň täze ýyldyzy» (Rookie of the Year) diýlip saýlandy.

# IKI OÝUNDA-DA 4 GOLLY ÝEŇIŞ GAZANDY



**TÜRKMENISTANYŇ MILLI ÇEMPIONATY**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | GOL | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | «ARKADAG» | 11 | 11 | 0 | 0 | 55-5 | 33 |
| 2 | «AHAL» | 12 | 8 | 0 | 4 | 23-14 | 24 |
| 3 | «ALTYN ASYR» | 10 | 7 | 0 | 3 | 22-12 | 21 |
| 4 | «MERW» | 12 | 6 | 0 | 6 | 9--20 | 18 |
| 5 | «AŞGABAT» | 12 | 5 | 1 | 6 | 11--19 | 16 |
| 6 | «ŞAGADAM» | 11 | 5 | 0 | 6 | 13--13 | 15 |
| 7 | «NEBITÇI» | 12 | 4 | 0 | 8 | 10--25 | 12 |
| 8 | «KÖPETDAG» | 11 | 2 | 3 | 6 | 8--20 | 9 |
| 9 | «ENERGETIK» | 11 | 0 | 2 | 9 | 6--29 | 2 |

Futbol boýunça Türkmenistanyň Ýokary Ligasynda 12-nji tapgyrda sanawyň lideri «Arkadag» topary myhmançylykda «Nebitçini» 1-nji ýarymda geçiren gollary esasynda 4–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Duşuşykda Altymyrat Annadurdyýew het-trik edip (3, 9, 26), beýleki goly-da Şamämmet Hydyrow (12) öz adyna ýazdyrdy. «Ahal» myhmançylykda «Şagadamy» Akmämmet Metdäýewiň 56-njy hem-de Gurban Annaýewiň 88-nji minutlardaky gollary bilen 2–0 hasabynda ýeňdi. «Merw» bilen «Aşgabat» toparlarynyň arasyndaky duşuşykda-da maryly futbolçylar iň kiçi hasap bilen ýeňiş gazandy. 7 futbolçynyň sary kart alan oýnunda «Merwe» ýeňiş getiren ýeke-täk goly 37-nji minutda 11 metrlik jerime urgusyndan Söhbet Allanurow derweze girizdi. «Energetik» bilen «Köpetdagyň» arasyndaky oýunda bolsa hasap açylmady.

13-nji tapgyrda «Arkadag» topary myhmançylykda «Ahal» toparyny 4–0 hasabynda ýeňdi. Duşuşykda sanawyň liderine ýeňiş getiren gollary Altymyrat Annadurdyýew (5, 37), Didar Durdyýew (53, p) hem-de Begenç Akmämmedow (73) geçirdi. «Altyn asyr» topary hem myhmançylykda uly hasap bilen ýeňiş gazanyp, aragatnaşykçylar Balkanabatda «Nebitçiniň» derwezesinden jogapsyz 5 gol girizdiler. Gollaryň 2-sini Rahman Myratberdiýew (8, 70), 2-sini Arslan Saparow (32, 51) hem-de Wahyt Orazsähedow (69) öz atlaryna ýazdyrdylar. «Köpetdag» topary öz meýdançasynda «Merwi» Batyr Täçnazarowyň hem-de Süleýman Mirzoýewiň gollary esasynda 2–0 hasap bilen utdy. «Aşgabat» – «Şagadam» duşuşygynda paýtagtyň adybir topary Şatlyk Gurbanowyň 39-njy minutdaky ýeke-täk goly bilen ýeňiş gazanmagy başardy.

*EURO 2024-e tarap*

## 4 toparyň gatnaşan soňky 2 ýaryşy




**Ýewropa çempionatynyň taryhyndan (gysgaça) – 2**

1972-nji ýyldaky 4-nji Ýewropa çempionaty Belgiýada geçirilip, oňa ýene-de 4 ýygyndy gatnaşýar. Ýarym finalda Günbatar Germaniýa ýer eýeleri Belgiýany Gerd Mülleriň gollary bilen 2–1, ozalky Soýuzyň ýygyndysy bolsa Wengriýany Anatoliý Konkowyň 53-nji minutdaky ýeke-täk goly esasynda 1–0 ýeňýär. Finaldan öň oýnalan bürünç medal duşuşygynda Belgiýa 2–1 hasabynda ýeňiş gazanýar. 18-nji iýundaky finalda bolsa




Günbatar Germaniýanyň ýygyndysy SSSR-iň ýygyndysyny Gerd Mülleriň (27, 58) hem-de Herbert Wimmeriň (52) gollary bilen 3–0 hasabynda ýeňlişe sezewar edýär we ilkinji çempionlygyny gazanýar. Bu çempionatda Gerd Müller 4 gol geçirip, ýaryşyň iň netijeli oýunçysy bolýar.

4 ýyldan soň çempionat dowam edýän formatynda ozalky Ýugoslawiýada guralýar. Çempionatyň çäginde geçirilen 4 duşuşykda-da ýeňiji esasy wagtda belli bolmaýar. Çehoslowakiýa Niderlandlary 3–1 (Ondruş 19, Nehoda 114, Weseli 118 – Ondruş 73 ö.d.), Günbatar Germaniýa bolsa Ýugoslawiýany 4–2 (Flohe 64, Diter Müller 82, 115, 119 – Popiwoda 19, Džaýiç 30) ýeňýär. 5 goluň geçirilen duşuşygynda Niderlandlar Geelsiň hem-de Wan de Kerkhofyň gollary bilen Ýugoslawiýany goşmaça wagtda 3–2 hasabynda utýar we bürünç medaly gazanýar. Ýer eýelerinden Katalinskiniň hem-de Džaliçiň gollary ýeňşe ýetmeýär. Belgraddaky Çehoslowakiýa bilen Günbatar Germaniýanyň arasyndaky final diýseň çekeleşikli geçip, oýnuň esasy wagty 2–2 hasabynda deňlikde tamamlanýar (Şweglik 8, Dobiaş 25 – Diter Müller 28, Hölzenbaýn 89). Oýundan soňky penaltilerde çehler 5–3 hasabynda ýeňip, ilkinji çempionlygyny baýram etdi. Bu gezekki çempionatda bolsa başga bir Müller – germaniýaly Diter Müller 4 gol bilen çempionatyň iň köp gol geçiren futbolçysy hökmünde hasaba alynýar.

*(Dowamy bar)*

## «Fiorentina» yzly-yzyna 2-nji gezek finalda

UEFA Ýewropa Konferensiýa Ligasynyň ýarym finalynyň 1-nji duşuşyklarynda 11 gol derweze girizildi. Çempionlygyň faworitlerinden «Aston Willa» öz meýdançasynda «Olimpiakosdan» garaşylmadyk ýagdaýda 4–2 hasabynda ýeňildi. Grek toparynyň gollarynyň 3-sini Aýub El-Kaabi (16, 29, 56 p), beýleki goluny-da 67-nji minutda Hazze öz adyna ýazdyrdy. «Aston Willadan» Watkins hem-de Diabiniň gollary ýeňşe ýetmedi. Oýnuň 83-nji minutynda iňlis klubunyň braziliýaly oýunçysy Duglas Luiz penaltini dürs urup bilmedi.



Şeýle-de, «Fiorentina» çekeleşikli geçen oýunda «Klub Brýuggeni» 3–2 hasabynda ýeňmegi başardy (Sottil 5, Belotti 37, Nzola 90+1 – Wanaken 17 p, Tiago 63). Belgiýada oýnalan jogap duşuşygynda-da «Fiorentina» «Klub Brýugge» bilen 1–1 (Wanakan 20 – Beltran 85 p) deňme-deň oýnap, bassyr 2-nji gezek Konferensiýa Ligasynda finala çykdy. Final duşuşygy 29-njy maýda Gresiýanyň paýtagty Afinyda oýnalar.

UEFA Ýewropa Ligasynda ýarym finalyň 1-nji oýunlarynda Germaniýanyň «Baýeri» myhmançylykda «Romany» 2–0 hasabynda ýeňdi. Geçen ýylky duşuşykda 1–0 asgyn gelen lewerkuzenlileriň gollaryny Florian Wirts (28) bilen Robert Andrih (73) geçirdi. Fransiýada «Marsel» bilen «Atalantanyň» arasyndaky duşuşykda-da ýeňiş gazanan bolmady (Mbemba 20 – Skamakka 11).

# «Wembley»-däki finalda «Borussiýa Dortmund» bilen «Real Madrid» duşuşar






**UEFA Çempionlar Ligasynda finalçylar belli boldy. PSŽ-ni myhmançylykda-da ýeňen «Borussiýa Dortmund» 3-nji, öz meýdançasynda «Bawariýadan» üstün çykan «Real Madrid» 18-nji gezek finala çykmagy başardy. Final duşuşygy 1-nji iýunda Angliýanyň paýtagty Londondaky «Wembley» stadionynda oýnalar.**

Öz meýdançasynda 1–0 hasabynda ýeňiş gazanan «Borussiýa Dortmund» topary PSŽ-ni Parižde-de şol hasap bilen ýeňlişe sezewar etdi. Çekeleşikli we gyzykly ýagdaýda geçen oýnuň ýeke-täk goluny 50-nji minutda Mats Hummels geçirip, ol UÇL-de ýarym finalda tapawutlanan iň ýaşuly 3-nji futbolçy hökmünde hasaba alyndy (Raýn Giggz, Edin Jeko). PSŽ toparyna bu gola jogap bermek başartmady. Esasan hem, oýnuň soňky 20 minutyny dortmundlylaryň jerime meýdançasynyň alkymynda geçiren parižlileriň umumylykda 30 urgusy takyk bolmady. Olaryň 4 urgusyna sütün päsgel berdi (2 oýunda jemi 6 urgy sütüne degdi). Şunlukda, iki oýnuň netijesi boýunça 2–0 hasabynda ýeňiş gazanan «Borussiýa Dortmund» taryhynda 3-nji gezek finala çykdy. Nemes kluby mundan öň 1997-nji ýylda Münhendäki finalda «Ýuwentusy» 3–1 ýeňipdi, 2013-nji ýylda bolsa «Wembley»-de «Bawariýadan» 2–1 hasabynda utulypdy.








«REAL MADRID» 18-nji GEZEK FINALDA

«Borussiýa Dortmundyň» finaldaky garşydaşy «Real Madrid» boldy. Ispan kluby jogap duşuşygynda Germaniýanyň «Bawariýa» toparyndan 2–1 hasabynda üstün çykdy. Çekeleşikli we soňky pursatlary dartgynly geçen oýnuň 1-nji ýarymynda hasap açylmady. Duşuşygyň 2-nji ýarymyna myhmanlar erjel başlasa-da, soňlugy bilen madridliler oýnuň deňagramlylygyny saklamagy başardylar. Ýöne hasaby açan tarap «Bawariýa» boldy. Oýnuň 68-nji minutynda Serž Gnabriniň şikes almagyndan soň 27-nji minutda meýdança giren we geljek möwsümde «Realyň» düzümine goşulmagyna garaşylýan Alfonso Dewis hasaby açdy. Ol Keýniň ajaýyp pasyndan soň, jerime meýdançasynyň içine girip, çepbekeýdigine garamazdan, sag aýagy bilen topy batly urup derweze girizdi. Bu goldan sähelçe wagt soň Dewisiň aýagyna degen top «Bawariýanyň» derwezesine girdi. Ýöne emin Naçonyň goldan öň oýnuň düzgünini bozandygyny nazarda tutup, goly hasaba almady. Ançelotti 81-nji minutda Hoseluny meýdança girizdi. 34 ýaşyndaky hüjümçi hem özüne ynanylan bu ynamy aňryýany bilen ödäp, duşuşygyň gahrymany bolmagy başardy. Ol ilki 88-nji minutda Winisiusyň urgusynda Noýeriň saklap bilmedik topuny derweze girizip, hasaby deňledi. Bu goldan 3 minut soňam, ýagny 90+1-nji minutda-da Rüdigeriň pasynda topy derwezäniň boş tarapyna ýeňillik bilen gönükdirip, toparyny 2–1 öňe çykardy. Gol ilki ofsaýt sebäpli hasaba alynmady, ýöne VAR goluň takykdygyny habar berdi. Duşuşygyň 90+13-nji minutynda jedelli pursat ýüze çykdy. Matteus De Ligtiň takyk goly ofsaýt sebäpli hasaba alynmady. Polşaly Şimon Marçiniak kömekçisiniň baýdagyny götermeginden soň goly hasaba almady.

Netijede, «Real Madrid» ýene bir kembek bilen güýçli toparlaryň birini ýaryşdan çykardy we soňky 3 ýylda 2-nji, umumylykda-da 18-nji gezek finala adyny ýazdyrdy. 14 kubogyň eýesi «Real Madridiň» tälimçisi Karlo Ançelotti bolsa 6-njy sapar finala çykyp, öz rekordyny täzeledi. Şeýle-de, italiýaly tälimçi UÇL-de 203-nji duşuşygyny geçirip, bu ugurda Ser Aleks Fergusonyň rekordyny gaýtalady. Ançelotti tälimçi hökmünde «Bawariýadan» 10-njy duşuşygynda-da ýeňilmedi.

# «Real Madrid» 36-njy gezek «La Liganyň» çempiony

Ispaniýanyň çempionaty «La Ligada» çempion 34-nji tapgyrda belli bolup, «Real Madrid» 36-njy çempionlygyny baýram etdi. «Real Madrid» öz meýdançasynda «Kadiz» toparyny Braim Diaziň 51-nji, Bellingamyň 68-nji hem-de Hoselunyň 90+3-nji minutlardaky gollary bilen 3–0 hasabynda ýeňdi. Bu duşuşygyň yzysüre geçirilen «Žirona» – «Barselona» duşuşygynda-da ýer eýeleriniň ýeňiş gazanmagyndan soň «Real Madrid» çempionlygyny yglan etdi. Şunlukda, «Real Madrid» 36-njy çempionlygyny gazanyp, 27 çempionlygy bolan «Barselonadan» epesli öňde barýar. Toparyň tälimçisi Ançelotti «Realdaky» 12-nji, karýerasyndaky 28-nji kubogyny gazandy. «Real Madrid» Ýewropanyň TOP 5 çempionatynda iň köp çempionlyk gazanan 2 toparyň biri bolup, ol bu ugurda rekordy «Ýuwentus» bilen paýlaşýar.






**«Barselonany» ýene-de 4–2 hasabynda ýeňdi we ilkinji gezek Çempionlar Ligasyna gatnaşar**

Kataloniýa derbisinde «Žirona» güýçli garşydaşy «Barselonany» Dowbyk, Portu (2), Gutierresiň gollary esasynda 4–2 hasabynda utdy. Birinji aýlawdaky öz meýdançasyndaky oýunda hem şol hasap bilen utulan «Barselonanyň» gollaryny Kristensen (3) we Lewandowski (45+1 p) geçirdi. Bu ýeňişden soň «Žirona» 2-nji orna beýgeldi we taryhynda ilkinji gezek UEFA Çempionlar Ligasyna gatnaşmaga hukuk gazandy. «Žirona» «La Liganyň» adyndan UÇL-de çykyş etjek 14-nji klub bolar.

«La Ligada» 34-nji tapgyrdaky duşuşyklaryň 6-synda myhmanlar ýeňiş gazanyp, şolaryň biri indiki möwsümi 2-nji ligada geçirjek «Almeriýa» boldy. «Raýo Wallekanodan» 1–0 üstün çykan «Almeriýa» möwsümdäki 2-nji ýeňşini gazandy.



## HEPDÄNIŇ ESASY DUŞUŞYKLARY

*10-njy maý (anna)*
Frozinone – Inter (23:45)
Alawes – Žirona (00:00)
*11-nji maý (şenbe)*
Seltik – Reýnjers (16:30)
Fulham – Man. Siti (16:30)
Spartak – Krasnodar (18:30)
Zenit – SSKA (21:00)
Baltika – Dinamo (23:30)
Wilýarreal – Sewilýa (19:15)
Napoli – Bolonýa (21:00)
Granada – Real Madrid (21:30)
Milan – Kaliari (23:45)
N. Forest – Çelsi (21:30)
*12-nji maý (ýekşenbe)*
Man. Ýunaýted – Arsenal (20:30)
Ýuwentus – Salernitana (21:00)
Atalanta – Roma (23:45)
*13-nji maý (duşenbe)*
Barselona – Real Sosiedad (00:00)
Aston Willa – Liwerpul (00:00)
*14-nji maý (sişenbe)*
Tottenham – Man. Siti (00:00)
Real Madrid – Alawes (00:30)
Žirona – Wilýarreal (01:00)
*15-nji maý (çarşenbe)*
Braýton – Çelsi (23:45)
Man. Ýunaýted – Nýukasl (00:00)

### PREMIER LEAGUE (36) – 36 gol

**Luton—Ewerton: 1–1** (Adebaýo 31 — Kalwert-Lýuwin 24 p), **Arsenal—Bornmut: 3–0** (Saka 45 p, Trossar 70, Raýs 90+7), **Börnli—Nýukasl: 1–4** (O'Şi 86 — Wilson 19, Longstaff 35, Gimaraýns 40, Isak 55), **Brentford—Fulham: 0–0, Şeffild Ý—N. Forest: 1–3** (Brerton Dias 17 — Hadson-Odoi 27, 65, Ýeýts 51), **Man. Siti—Wulwerhempton: 5–1** (Holann 12 p, 35, 45+3 p, 54, Alwares 85 — Hi Çan Hwan 53), **Braýton—A. Willa: 1–0** (Žoao Pedro 87), **Çelsi—West Ham: 5–0** (Palmer 15, Gallaher 30, Madueke 36, Jekson 48, 81), **Liwerpul—Tottenham: 4–2** (Salah 16, Robertson 45, Gakpo 50, Elliot 59 — Rişarlison 72, Son 77), **K. Palas—M. Ýunaýted: 4–0** (Olise 12, 66, Mateta 40, Mitçell 58)

**ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ARSENAL | 36 | 26 | 5 | 5 | 88-28 | 83 |
| 2 | MAN. SITI | 35 | 25 | 7 | 3 | 87-33 | 82 |
| 3 | LIWERPUL | 36 | 23 | 9 | 4 | 81-38 | 78 |
| 4 | ASTON WILLA | 36 | 20 | 7 | 9 | 73-53 | 67 |
| 5 | TOTTENHAM | 35 | 18 | 6 | 11 | 69-58 | 60 |
| 6 | NÝUKASL | 35 | 17 | 5 | 13 | 78-56 | 56 |
| 7 | ÇELSI | 35 | 15 | 9 | 11 | 70-59 | 54 |
| 8 | M. ÝUNAÝTED | 35 | 16 | 6 | 13 | 52-55 | 54 |
| 9 | WEST HAM | 36 | 13 | 10 | 13 | 56-70 | 49 |
| 10 | BORNMUT | 36 | 13 | 9 | 14 | 52-63 | 48 |
| 11 | BRAÝTON | 35 | 12 | 11 | 12 | 53-57 | 47 |
| 12 | W. HEMPTON | 36 | 13 | 7 | 16 | 49-60 | 46 |
| 13 | FULHAM | 36 | 12 | 8 | 16 | 51-55 | 44 |
| 14 | K. PALAS | 36 | 11 | 10 | 15 | 49-57 | 43 |
| 15 | EWERTON | 36 | 12 | 9 | 15 | 38-49 | 37 |
| 16 | BRENTFORD | 36 | 9 | 9 | 18 | 52-60 | 36 |
| 17 | N. FOREST | 36 | 8 | 9 | 19 | 45-63 | 29 |
| 18 | LUTON TAWN | 36 | 6 | 8 | 22 | 49-78 | 26 |
| 19 | BÖRNLI | 36 | 5 | 9 | 22 | 39-74 | 24 |
| 20 | ŞEFFILD ÝUN. | 36 | 3 | 7 | 26 | 35-100 | 16 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Erling HOLANN (Mançester Siti) | 25 |
| 2 | Koul PALMER (Çelsi) | 21 |
| 3 | Aleksander ISAK (Nýukasl) | 20 |
| 4 | Olli WATKINS (Aston Willa) | 19 |
| 5 | Dominik SOLANKE (Bornmut) | 18 |

### LA LIGA (34) – 26 gol

**Hetafe—Atletik: 0–2** (Iniaki Williams 27, 51), **Real Sosiedad—Las Palmas: 2–0** (Suares 33 ö.d., Bekker 45+1), **Real Madrid—Kadiz: 3–0** (Diaz 51, Bellingam 68, Hoselu 90+3), **Žirona—Barselona: 4–2** (Dowbyk 4, Portu 65, 74, Gutierres 67 — Kristensen 3, Lewandowski 45+1 p), **Malýorka—Atletiko: 0–1** (Rikelme 5), **Osasuna—Betis: 0–2** (Aýose Peres 41, Fornals 45+3), **Selta—Wilýarreal: 3–2** (Ýago Aspas 22 p, Strand Larsen 39, Duwikas 82 — Moreno 12, Gedeş 65), **Walensiýa—Alawes: 0–1** (Hawi Lopes 68), **Raýo Wallekano—Almeriýa: 0–1** (Losano 30), **Sewilýa—Granada: 3–0** (Akunýa 11, En-Nesiri 51, Lukebakio 80)

**ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | REAL MADRID (Ç) | 34 | 27 | 6 | 1 | 74-22 | 87 |
| 2 | ŽIRONA | 34 | 23 | 5 | 6 | 73-42 | 74 |
| 3 | BARSELONA | 34 | 22 | 7 | 5 | 70-43 | 73 |
| 4 | ATLETIKO M | 34 | 21 | 4 | 9 | 63-39 | 67 |
| 5 | ATLETIK B | 34 | 17 | 10 | 7 | 55-33 | 61 |
| 6 | R. SOSIEDAD | 34 | 14 | 12 | 8 | 48-35 | 54 |
| 7 | BETIS | 34 | 13 | 13 | 8 | 43-39 | 52 |
| 8 | WALENSIÝA | 34 | 13 | 8 | 13 | 37-39 | 47 |
| 9 | WILÝARREAL | 34 | 12 | 9 | 13 | 56-58 | 45 |
| 10 | HETAFE | 34 | 10 | 13 | 11 | 41-47 | 43 |
| 11 | ALAWES | 34 | 11 | 8 | 15 | 32-38 | 41 |
| 12 | SEWILÝA | 34 | 10 | 11 | 13 | 45-46 | 41 |
| 13 | OSASUNA | 34 | 11 | 6 | 17 | 37-51 | 39 |
| 14 | LAS PALMAS | 34 | 10 | 7 | 17 | 30-43 | 37 |
| 15 | SELTA | 34 | 8 | 10 | 16 | 40-52 | 34 |
| 16 | R. WALLEKANO | 34 | 7 | 13 | 14 | 27-43 | 34 |
| 17 | MALÝORKA | 34 | 6 | 14 | 14 | 27-40 | 32 |
| 18 | KADIZ | 34 | 4 | 14 | 16 | 23-49 | 26 |
| 19 | GRANADA | 34 | 4 | 9 | 21 | 36-64 | 21 |
| 20 | ALMERIÝA | 34 | 2 | 11 | 21 | 33-67 | 17 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Artem DOWBYK (Žirona) | 20 |
| 2 | Jud BELLINGAM (Real Madrid) | 18 |
| 3 | Aleksander SERLOT (Wilýarreal) | 17 |
| 4 | Robert LEWANDOWSKI (Barselona) | 17 |
| 5 | Ante BUDIMIR (Osasuna) | 16 |

### SERIE A (35) – 25 gol

**Torino—Bolonýa: 0–0, Monza—Lasio: 2–2** (Džuriç 75, 90+2 — Immobile 11, Wesino 83), **Sassuolo—Inter: 1–0** (Lloryante 20), **Kaliari—Leçe: 1–1** (Mina 26 — Krstowiç 84), **Empoli—Frozinone: 0–0, Werona—Fiorentina: 2–1** (Lazowiç 13 p, Noslin 59 — Kastrowilli 42), **Milan—Jenoa: 3–3** (Florenzi 45, Gabbia 72, Žiru 75 — Retegi 5 p, Ekuban 48, Tşaw 87 ö.d.), **Roma—Ýuwentus: 1–1** (Lukaku 15 — Bremer 31), **Salernitana—Atalanta: 1–2** (Çauna 18 — Skamakka 57, Koopmeýners 63), **Udineze—Napoli: 1–1** (Saksess 90+2 — Osimhen 51)

**ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | INTER (Ç) | 35 | 28 | 5 | 2 | 81-19 | 89 |
| 2 | MILAN | 35 | 21 | 8 | 6 | 67-42 | 71 |
| 3 | ÝUWENTUS | 35 | 18 | 12 | 5 | 48-27 | 66 |
| 4 | BOLONÝA | 35 | 17 | 13 | 5 | 49-27 | 64 |
| 5 | ATALANTA | 34 | 18 | 6 | 10 | 63-38 | 60 |
| 6 | ROMA | 35 | 17 | 9 | 9 | 62-42 | 60 |
| 7 | LASIO | 35 | 17 | 5 | 13 | 45-37 | 56 |
| 8 | NAPOLI | 35 | 13 | 12 | 10 | 53-44 | 51 |
| 9 | FIORENTINA | 34 | 14 | 8 | 12 | 51-39 | 50 |
| 10 | TORINO | 35 | 11 | 14 | 10 | 31-31 | 47 |
| 11 | MONZA | 35 | 11 | 12 | 12 | 38-46 | 45 |
| 12 | JENOA | 35 | 10 | 13 | 12 | 41-43 | 43 |
| 13 | LEÇÇE | 35 | 8 | 13 | 14 | 32-50 | 37 |
| 14 | WERONA | 35 | 8 | 10 | 17 | 33-46 | 34 |
| 15 | KALIARI | 35 | 7 | 12 | 16 | 37-60 | 33 |
| 16 | FROZINONE | 35 | 7 | 11 | 17 | 43-63 | 32 |
| 17 | EMPOLI | 35 | 8 | 8 | 19 | 26-50 | 32 |
| 18 | UDINEZE | 35 | 4 | 18 | 13 | 33-52 | 30 |
| 19 | SASSUOLO | 35 | 7 | 8 | 20 | 41-70 | 29 |
| 20 | SALERNITANA | 35 | 2 | 9 | 24 | 27-75 | 15 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Lautara MARTINES (Inter) | 23 |
| 2 | Duşan WLAHOWIÇ (Ýuwentus) | 16 |
| 3 | Wiktor OSIMHEN (Napoli) | 15 |
| 4 | Albert GUDMUNDSSON (Jenoa) | 14 |
| 5 | Oliwie ŽIRU (Milan) | 14 |

### BUNDESLIGA (32) – 34 gol

**Hoffenhaým—Leipsig: 1–1** (Kramariç 90 — Şeşke 38), **Borussiýa D—Augsburg: 5–1** (Mukoko 4, 29, Malen 20, Roýs 34, Nmeça 64 — Wargas 32), **Werder—Borussiýa M: 2–2** (Woltemade 45, 65 — Hak 8, Noýhaus 90+1 p), **Wolfsburg—Darmştadt: 3–0** (Wimmer 8, Winn 11, Çerny 90+3), **Ştutgart—Bawariýa: 3–1** (Stergiu 29, U Ýon Çon 83, Mwumpa 90+3 — Keýn 37 p), **Köln—Fraýburg: 0–0, Union Berlin—Bohum: 3–4** (Wertessen 59, Bediýa 63, Holerbah 74 — Wittek 16, 31, Şlotterbek 37, Hofmann 70), **Aýntraht—Baýer: 1–5** (Ekitike 32 — Džaka 12, Şik 44, Palasios 58 p, Frimpong 77, Bonifas 89 p), **Haýdenhaým—Maýns: 1–1** (Klýaýndinst 65 — Burkardt 37)

**GERMANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /BUNDESLIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAÝER (Ç) | 32 | 26 | 6 | 0 | 82-23 | 84 |
| 2 | BAWARIÝA | 32 | 22 | 3 | 7 | 90-41 | 69 |
| 3 | ŞTUTGART | 32 | 21 | 4 | 7 | 73-39 | 67 |
| 4 | LEIPSIG | 32 | 19 | 6 | 7 | 74-36 | 63 |
| 5 | BORUSSIÝA D | 32 | 17 | 9 | 6 | 64-40 | 60 |
| 6 | AÝNTRAHT | 32 | 11 | 12 | 9 | 48-47 | 45 |
| 7 | FRAÝBURG | 32 | 11 | 8 | 13 | 43-55 | 41 |
| 8 | HOFFENHAÝM | 32 | 11 | 7 | 14 | 56-64 | 40 |
| 9 | AUGSBURG | 32 | 10 | 9 | 13 | 49-57 | 39 |
| 10 | HAÝDENHAÝM | 32 | 9 | 11 | 12 | 45-53 | 38 |
| 11 | WERDER | 32 | 10 | 8 | 14 | 43-52 | 38 |
| 12 | WOLFSBURG | 32 | 10 | 7 | 15 | 40-51 | 37 |
| 13 | BORUSSIÝA M | 32 | 7 | 12 | 13 | 55-62 | 33 |
| 14 | BOHUM | 32 | 7 | 12 | 13 | 41-65 | 33 |
| 15 | UNION BERLIN | 32 | 8 | 6 | 18 | 29-54 | 30 |
| 16 | MAÝNS | 32 | 5 | 14 | 13 | 33-50 | 29 |
| 17 | KÖLN | 32 | 4 | 12 | 16 | 24-54 | 24 |
| 18 | DARMŞTADT | 32 | 3 | 8 | 21 | 30-76 | 17 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Harri KEÝN (Bawariýa) | 36 |
| 2 | Seru GIRASSI (Ştutgart) | 25 |
| 3 | Loi OPENDA (Leipsig) | 24 |
| 4 | Deniz UNDAW (Ştutgart) | 18 |
| 5 | Ermedin DEMIROWIÇ (Augsburg) | 15 |

### SÜPER LIG (35) – 33 gol

**Ankaragüjü—Alanýaspor: 1–1** (Hasigiowanis 11 — Aýdyn 90+5 p), **Beşiktaş—Ç. Rizespor: 3–2** (Kolli 7, Raşisa 65, Worrell 90+7 — Olawoýin 5, Topçu 68), **Istanbulspor—Adana Demirspor: 0–1** (Barasi 10), **Kaýserispor—F. Karagümrük: 2–2** (Mane 3, Boa Morte 64 — Feguli 51, Markao 60), **Samsunspor—Trabzonspor: 3–1** (Antalýaly 14 p, Muandilmaji 28, Fernandes 36 ö.d. — Bardi 32), **Istanbul BŞ—Kasympaşa: 4–1** (Pelkas 15, Dewidson 24, 69, Kemen 86 — Ben Wanes 47), **Gaziantep—Hataýspor: 1–1** (Jiloboji 11 — Kilama 15), **Galatasaraý—Siwasspor: 6–1** (Ziýeş 11, 60, Mertens 38, 73, Ikardi 59, 85 — Osmanpaşa 54), **Antalýaspor—Pendikspor: 1–2** (Buksa 13 p — Tiam 16, Akbunar 45+6), **Konýaspor—Fenerbahçe: 0–0**

**TÜRKIÝÄNIŇ ÇEMPIONATY /SÜPER LIG/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | GALATASARAÝ | 35 | 31 | 3 | 1 | 86-22 | 96 |
| 2 | FENERBAHÇE | 35 | 28 | 6 | 1 | 89-31 | 90 |
| 3 | TRABZONSPOR | 35 | 18 | 4 | 13 | 61-48 | 58 |
| 4 | ISTANBUL BŞ | 35 | 16 | 7 | 12 | 50-40 | 55 |
| 5 | BEŞIKTAŞ | 35 | 16 | 6 | 13 | 48-42 | 54 |
| 6 | ALANÝASPOR | 35 | 12 | 13 | 10 | 50-47 | 49 |
| 7 | KASYMPAŞA | 35 | 14 | 7 | 14 | 57-63 | 49 |
| 8 | Ç. RIZESPOR | 35 | 14 | 7 | 14 | 47-54 | 49 |
| 9 | SIWASSPOR | 35 | 12 | 12 | 11 | 42-51 | 48 |
| 10 | ANTALÝASPOR | 35 | 11 | 12 | 12 | 40-44 | 45 |
| 11 | ADANA D. SPOR | 35 | 10 | 14 | 11 | 50-47 | 44 |
| 12 | KAÝSERISPOR | 35 | 11 | 11 | 13 | 41-50 | 44 |
| 13 | SAMSUNSPOR | 35 | 11 | 9 | 15 | 40-45 | 42 |
| 14 | ANKARAGÜJÜ | 35 | 8 | 15 | 12 | 43-46 | 39 |
| 15 | F. KARAGÜMRÜK | 35 | 9 | 10 | 16 | 43-45 | 37 |
| 16 | KONÝASPOR | 35 | 8 | 13 | 14 | 34-48 | 37 |
| 17 | GAZIANTEP | 35 | 9 | 8 | 18 | 40-55 | 35 |
| 18 | HATAÝSPOR | 35 | 7 | 13 | 15 | 39-49 | 34 |
| 19 | PENDIKSPOR | 35 | 8 | 9 | 18 | 40-71 | 33 |
| 20 | ISTANBULSPOR | 35 | 4 | 7 | 24 | 26-68 | 19 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Mauro IKARDI (Galatasaraý) | 23 |
| 2 | Edin JEKO (Fenerbahçe) | 20 |
| 3 | Reý MANAÝ (Siwasspor) | 18 |
| 4 | Mame TIAM (Kaýserispor) | 17 |
| 5 | Adam BUKSA (Antalýaspor) | 15 |

### PREMÝER LIGA (27) – 21 gol

**Ahmat—Pari NN: 5–1** (Konate 25, 53, Kamilow 45+5, Şatara 65, Sadulaýew 87 — Kutateladze 42), **Spartak—Lokomotiw: 3–2** (Bongonda 44 p, Medina 56, Hlusewiç 67 — Suleýmanow 51, Sarweli 71), **Dinamo—Zenit: 1–0** (Týukawin 76), **Baltika—SSKA: 3–1** (Bistrowiç 51 p, Aleks Fernandes 76, Kaplenko 85 — Glebow 90), **Krylýa Sowetow—Krasnodar: 0–0, Rostow—Ural: 1–1** (Daku 43 — Begiç 86), **Soçi—Fakel: 0–0, Rostow—Orenburg: 2–1** (Ronaldo 81, Komliçenko 90+6 – Tompson 13)

**RUSSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMÝER LIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ZENIT | 27 | 15 | 6 | 6 | 45-24 | 51 |
| 2 | KRASNODAR | 27 | 14 | 8 | 5 | 41-26 | 50 |
| 3 | DINAMO | 27 | 14 | 8 | 5 | 46-35 | 50 |
| 4 | LOKOMOTIW | 27 | 11 | 11 | 5 | 45-37 | 44 |
| 5 | SPARTAK | 27 | 12 | 7 | 8 | 37-31 | 43 |
| 6 | K. SOWETOW | 27 | 11 | 7 | 9 | 44-37 | 40 |
| 7 | ROSTOW | 27 | 11 | 7 | 9 | 39-40 | 40 |
| 8 | SSKA | 27 | 9 | 12 | 6 | 47-38 | 39 |
| 9 | RUBIN | 27 | 10 | 8 | 9 | 26-33 | 38 |
| 10 | AHMAT | 27 | 9 | 5 | 13 | 30-38 | 32 |
| 11 | PARI NN | 27 | 8 | 5 | 14 | 25-38 | 29 |
| 12 | ORENBURG | 27 | 7 | 8 | 12 | 31-36 | 29 |
| 13 | URAL | 27 | 7 | 7 | 13 | 27-41 | 28 |
| 14 | FAKEL | 27 | 6 | 10 | 11 | 20-29 | 28 |
| 15 | BALTIKA | 27 | 7 | 5 | 15 | 29-34 | 26 |
| 16 | SOÇI | 27 | 4 | 8 | 15 | 28-43 | 20 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Mateo KASSIERRA (Zenit) | 16 |
| 2 | Jon KORDOBA (Krasnodar) | 14 |
| 3 | Konstantin TÝUKAWIN (Dinamo) | 14 |
| 4 | Fedor ÇALOW (SSKA) | 11 |
| 5 | Eduard SPERSÝAN (Krasnodar) | 10 |

# APL-de çempionlygyň iki dalaşgäri-de ýeňiş gazandy

**Angliýanyň çempionatynda** sanawyň lideri «Arsenal» öz meýdançasynda «Bornmut» toparynyň derwezesinden jogapsyz 3 gol geçirip, ornuny saklamagy başardy. Londonlylaryň gollaryny Saka, Trossar hem-de Raýs geçirdi. Erling Holannyň 4 gol geçiren oýnunda «Mançester Siti» öz meýdançasynda «Wulwerhempton» toparyny 5–1 hasabynda utdy. 6 goluň geçirilen oýnunda «Liwerpul» öz meýdançasynda «Tottenhamy» 4–2 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Duşuşykda 1 gol geçiren Mohamed Salah APL-de bassyr 3 möwsümde 10-dan köp gol we 10-dan köp asist eden ilkinji futbolçy boldy. «Çelsi» öz meýdançasynda London derbisinde «West Hamdan» 5–0 hasabynda üstün çykdy. Duşuşykda Jekson 2 gezek tapawutlandy. «Kristal Palas» bolsa öz meýdançasynda Oliseniň 2 gol geçiren oýnunda «Mançester Ýunaýtedi» 4–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. «Ýunaýted» şu möwsümde 13-nji gezek utulyp, bu görkeziji APL-de olar üçin antirekorda deňdir.



**90-njy minutdan soň geçirilen gollar**

**Russiýanyň çempionatynda** çempionlyk ugrunda 3 klubuň arasynda ýiti göreş dowam edýär. Öz meýdançasynda «Ahmat» toparyndan 1–0 utulan «Krasnodar» öňe geçmek mümkinçiliginden peýdalanyp bilmedi. «Dinamo» hem öz meýdançasynda «Soçi» bilen duşuşyp, 5 goluň geçirilen oýnunda moskwalylar 3–2 hasabynda ýeňşini baýram etdi. «Dinamo» ýeňiş goluny 90+2-nji minutda geçirdi. Myhmançylykda «Fakel» bilen duşuşan «Zenit» 90+11-nji minutda ýeňşi elden giderdi. Russiýanyň çempionatynda 27-nji tapgyrda 4 duşuşygyň ykbaly 90-njy minutdan soň geçirilen gollar bilen kesgitlenildi.

**Çempiony ýeňen ýeke-täk topar**

**Italiýanyň çempionatynda** çempion «Inter» myhmançylykda ligada galmak üçin göreşýän «Sassuolodan» Lloryanteniň 20-nji minutdaky ýeke-täk goly bilen 1–0 hasabynda asgyn geldi. «Inter» topary sentýabrdan soň, ýagny 28 oýundan soň ilkinji gezek utuldy. Olar çempionatda soňky gezek öz meýdançasynda ýene-de «Sassuolodan» 2–1 hasabynda utulypdy. «Milan» bilen «Jenoa» 3–3, «Roma» bilenem «Ýuwentus» 1–1 hasabynda deňme-deň oýnady. «Serie A»-da oýnalan 10 duşuşygyň 7-si deňlikde tamamlandy.

**Germaniýanyň çempionatynda** çempion «Baýer» myhmançylykda «Aýntrahty» 5–1 hasabynda ýeňip, ýeňlişsizlik seriýasyny 48 oýna ýetirdi we «Benfikanyň» 59 ýyllyk rekordyna şärik boldy. «Bawariýa» bolsa 2-nji ýer üçin göreşýän «Ştutgartdan» 3–1 hasabynda asgyn geldi.

**Türkiýäniň çempionatynda** «Galatasaraý» çempionlygyň bosagasynda bolup, olar öz meýdançasynda Ziýeşiň, Mertensiň hem-de Ikardiniň hersiniň 2 gol geçiren oýnunda «Siwasspory» 6–1 hasabynda ýeňdi. «Fenerbahçe» bolsa myhmançylykda «Konýaspor» bilen golsuz deňme-deň oýnady.



Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

# BEÝIK ÝEŇŞIŇ ŞANLY 79 ÝYLLYGY GUTLY BOLSUN! 9 MAÝ


## «TÜRKMENHIMIÝA» DÖWLET KONSERNINIŇ «TÜRKMENTURBA» ZAWODY

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we Türkmenistanyň halkyny 1941–1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňiş güni bilen gutlaýarys!

Urşa gatnaşanlaryň gahrymançylykly söweş ýoly biziň häzirki nesillerimiz üçin Watana wepalylygyň naýbaşy nusgasydyr. Şu gutlagymyzyň üsti bilen Garaşsyz döwletimiziň mundan beýläk-de gülläp ösmegini, Türkmenistanyň her bir raýatynyň bagtyýar, her bir maşgalanyň bagtly bolmagyny Beýik Alladan dileýäris!

Beýik Ýeňşiň şanly 79 ýyllygy gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«TÜRKMENHIMIÝA» döwlet konserniniň «TÜRKMENTURBA» zawodynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

## nowaeco

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we güneşli Türkmenistanyň ähli halkyny 1941–1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňiş güni mynasybetli mähirli gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!** Urşuň ýeňiş bilen tamamlanmagynyň 79 ýyllygynyň uly dabara bilen bellenilýän häzirki günlerinde urşa gatnaşan adamlara belent sarpa goýulýar. Häzirki döwürde biz şol gahrymanlarymyzyň bitiren beýik işlerini, görkezen gahrymançylygyny ýatlaýarys, olaryň sarpasyny belent tutýarys.

Beýik Ýeňşiň şanly 79 ýyllygy gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«TOPRAK» hojalyk jemgyýetiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**





## GARAŞYLMADYK ÝEŇIJI

**Formula 1 boýunça möwsümiň 6-njy ýaryşy Maýami «Gran Prisinde» garaşylmadyk sürüji ýeňiş gazandy. 5-nji hatardan başlan «McLaren» toparynyň britaniýaly sürüjisi Lando Norris ýeňiji bolup, ol 57 aýlawy 1 sagat 30 minut 49,876 sekuntda tamamlap, karýerasyndaky ilkinji ýeňşini baýram etdi. «McLaren» topary-da soňky gezek 2021-nji ýylda Italiýanyň Monza şäherinde ýeňiş gazanypdy.**

**Ýaryşa ilkinji hatardan bat alan Maks Werstappen ýeňijiden 7,612 sekunt yza galyp, 2-nji ýeri eýeledi. Ol sprint ýaryşynda ýeňiş gazanyp, goşmaça 8 utuk gazandy. Münberiň 3-nji basgançagyna «Ferrari» toparynyň monakoly sürüjisi Şarl Lekler çykmagy başardy. «Red Bull» toparynyň meksikaly sürüjisi Serhio Peresiň 4-nji bolan ýaryşynda «Ferrari» toparynyň ispan piloty Karlos Saýns Junior 5-nji orny eýeledi.**

**Geçirilen 6-njy ýaryşdan soň Werstappen 136 utuk bilen 1-nji ýerde barýar. Topardaşy Peres 103 utuk bilen 2-nji ýeri eýelese, 3-nji orundaky Lekleriň 98 utugy bar.**

**Möwsümiň 7-nji ýaryşy 19-njy maýda Italiýanyň Imola şäherinde geçiriler.**

## PSW-niň 25-nji, «Sportingiň» 20-nji çempionlygy

**Niderlandlaryň hem-de Portugaliýanyň çempionatlarynda möwsümiň tamamlanmagyna 2 tapgyr galanda, çempionlar belli boldy.**





Niderlandlaryň çempionaty «Eredivisie»-de çempion belli bolup, Eýndhowen şäheriniň PSW topary wagtyndan öň çempionlygyny yglan etdi. PSW 32-nji tapgyrda öz meýdançasynda Rotterdamyň «Sparta» toparyny 4-2 hasabynda ýeňip, möwsümiň tamamlanmagyna 2 tapgyr galanda, 2-nji ýerdäki «Feýenoord» bilen 9 utuk aratapawudy saklamagy başardy. Şunlukda, PSW topary 6 ýyldan soň çempion bolup, bu olaryň 25-nji çempionlygydyr. Soňky gezek 2018-nji ýylda çempion bolan PSW bu ugurda 36 sapar çempionlyk gazanan «Aýaksdan» soň 2-nji ýerde barýar. Geçen möwsümiň çempiony, 3-nji basgançakdaky «Feýenoordyň» 16 çempionlygy bar.

Portugaliýanyň çempionaty «Primeira Liga»-da Lissabonyň «Sporting» topary 20-nji çempionlygyny gazandy. «Sporting» topary 32-nji tapgyrda «Portimonense» toparyndan Paulinionyň (13), Trinkaonyň (70) hem-de Dýukereşiň (90+2) gollary esasynda 3-0 hasabynda üstün çykdy. Bu tapgyra çenli garşydaşyndan 5 utuk yzda barýan «Benfikanyň» myhmançylykda «Famalikaodan» 2-0 utulmagyndan soň, «Sporting» soňky 4 ýylda 2-nji gezek çempion diýen ady eýeledi. Klub soňky gezek 2021-nji ýylda 21 ýyldan soň çempion bolupdy. 20-nji çempionlygyny gazanan «Sporting» bu ugurda «Benfikadyr» (38) «Portodan» (30) soň 3-nji orunda barýar.



## Bu gezek Şwentek ýeňiş gazandy

**Tennis boýunça Ispaniýanyň paýtagtynda geçirilen «Madrid Açyk – Masters» ýaryşynda erkekleriň arasynda russiýaly Andreý Rublew, zenanlarda polşaly Iga Şwentek ýeňiş gazandy.**

**Rublew finalda kanadaly Feliks Ože-Alýassim bilen duşuşyp, 2 sagat 48 minutda garşydaşyny 2:1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. 1-nji setde 6:4 asgyn gelen Rublew 2-3-nji setlerde 7:5 hasaplar bilen ýeňmegi başardy. Bu onuň 2-nji «Masters» kubogy, şol sanda karýerasyndaky 16-njy ATP çempionlygydyr.**

**Zenanlaryň arasyndaky finalda bassyr 2-nji gezek Iga Şwentek bilen belarusly Aryna Sabalenka duşuşdy. Geçen ýylyň finalynyň tersine bu gezek Şwentek 3 sagat 11 minutda tamamlanan duşuşykda 7:5, 4:6 we 7:6 hasaplar bilen ýeňiş gazanyp, möwsümdäki 3-nji, «Masters» ýaryşlaryndaky 9-njy, karýerasyndaky 20-nji çempionlygyny baýram etdi.**

## Iki ýaryşda-da italýan klublary çempion boldy

**Woleýbol boýunça Ýewropanyň Çempionlar Ligasy ýaryşlarynyň ikisinde-de, ýagny erkekleriň hem-de zenanlaryň arasynda italýan klublary çempionlyk gazandy. Iki ýaryşyň hem final duşuşyklary Türkiýäniň Antalýa şäherinde geçirildi.**



Erkekleriň arasyndaky finalda Italiýanyň «Itas Trentino» topary bilen Polşanyň «Ýastşembskiý Wengel» topary duşuşdy. Italýan kluby 3:0 (25:20, 25:22, 25:21) hasabynda üstün çykyp, 13 ýyldan soň 4-nji gezek çempion diýen ady eýeledi. Trento şäheriniň wekili mundan öň 2009-njy, 2010-njy we 2011-nji ýyllarda yzly-yzyna 3 gezek çempionlyk gazanypdy. Polşanyň «Ýastşembskiý Wengel» topary bolsa bassyr 2-nji sapar finalda ýeňildi.

Zenanlaryň arasyndaky finalda duşuşan klublaryň ikisi hem italýan topary bolup, «Imoko Wolleý Koneliano» bilen «Allianz Wero Wolleý Milano» özara güýç synanyşdylar. Çekeleşikli geçen duşuşykda bu ýaryşyň has tejribeli topary «Imoko Wolleý» 3:2 (25:14, 23:25, 25:19, 19:25, 15:9) hasabynda ýeňşini baýram etdi. Bu olaryň 2 ýyldan soň 2-nji çempionlygy bolup, «Imoko Wolleý» topary 2022-nji ýylda ilkinji çempionlygyny gazanypdy. Milan şäheriniň wekili «Allianz Wero Wolleý» topary-da ilkinji gezekki finalynda utulyp, kümüş medala mynasyp boldy.

## 27-nji KROSSWORD

**26-njy krosswordyň jogaby:**



**20-nji skanwordyň jogaby:**



**21-nji skanwordyň jogaby:**



● **DIKLIGINE:** **1.** Ataş, ot. **2.** «... zat alnyňa ýagşy» (nakyl). **3.** Kiçijik pyýada ýoly. **4.** Deňiz süýdemdirijisi. **5.** Görnükli ýazyjy, dramaturg we folklorçy alym ... Gowşudow. **6.** «Öweni ..., syndyrany sygyr» (atalar sözi). **7.** Jaý, tam. **8.** Ýokluk görkezýän baglaýjy kömekçi. **9.** Üljä meňzeş miwe. **11.** Ösüp oturan agaç, bag. **12.** Aldyrylan hamyrdan tegelek, ýukarak ýaýylyp ýagda bişirilýän çöregiň bir görnüşi. **15.** Bir zadyň kadaly işlemegini üpjün edýän ýagdaý. **16.** Miwe. **19.** Sportuň bir görnüşi. **20.** Parasatly. **23.** Mör-möjekleriň saraýan tory. **24.** Adamzat jemgyýetiniň taryhy geçmişini gazuw-agtaryş işleriniň netijesinde öwrenýän ylym. **25.** Türkmen nusgawy şahyry. **26.** Eseriň bir görnüşi. **27.** Her bir nokady merkezden deň daşlykda birleşýän bitewi aýlaw çyzyk. **30.** Ýolagçy gatnadýan köp orunly awtoulag. **31.** Fransiýanyň paýtagty. **32.** Tikinçilik guraly. **33.** Ümlük. **35.** Ýeke-täk böküp bilmeýän süýdemdiriji. **38.** Gyz ady. **43.** Sapak, ýüp (köne söz). **45.** Deprek, laňňara. **47.** Çaga, perzent. **48.** Gysga aýakly suw guşy. **52.** Berk baldakly tropik we subtropik ösümlik. **53.** Ilki, ozal. **55.** Heň, labyz. **58.** Saz guraly. **59.** Ýaşy uly zenanlara hormat bilen ýüzlenilip aýdylýan söz. **60.** Perde. **61.** «... eziz, edebi ondanam eziz» (nakyl). **63.** Ertekilerde, rowaýatlarda duş gelýän hyýaly guş. **64.** Sportuň bir görnüşi. **65.** Aýlaryň biri. **67.** Bir zady biri-birinden tapawutlandyrýan düýpli alamat. **69.** Amerikan kinoprodýuseri ... Frenk. **72.** Azyklyk iýmit.

● **KESELIGINE:** **1.** Gyrgyz futbol topary. **7.** «Şol ýerde bar idi iki diwana, /«Durma, oglan, ... bargyl» diýdiler» (Magtymguly Pyragy). **10.** Ýapon saz guraly. **11.** Bişiriljek çöregiň ýüzüni dürtüp çykmak üçin ulanylýan diş-diş gural, dikeç. **13.** Kämahal, käýarym. **14.** Nahar, iýmit. **16.** Mukdar san. **17.** Oglan ady. **18.** Afrikada ýaşaýan uzyn boýunly alabeder jandar. **20.** Nahar bişirýän adam. **21.** Gowaçanyň heniz açylmadyk gunçasy. **22.** Matanyň, geýimleriň ýygyrdyny düzlemek üçin enjam. **24.** Meşhur türkmen filmi. **26.** Ýagyş, gar suwunyň ýzgaryna, sil suwunyň baran ýerine ekilýän ekin. **27.** Gadymy, öňki. **28.** Bir ýaşyny dolduran guzy. **29.** Gazagystanyň paýtagty. **33.** «... alan tazy burnundan bildirer» (nakyl). **34.** Edebi žanr. **36.** Meýdany boýunça dünýäniň iň uly ýer bölegi. **37.** Ümlük. **39.** Senagatyň himiýa, rezin we beýleki pudaklarynda ulanylýan ýumşak ak daş. **40.** Kümüşsöw-ak reňkli ýumşak, pes ereýän aşgar metal. **41.** «Bolýar, ýagşy» diýen many aňladýan söz. **42.** «Giç ýat-da ir tur, alty pişegi artyk ...» (nakyl). **43.** Zakawkaziýanyň iň uly derýalarynyň biri. **44.** Käbir ösümligiň miwesiniň dänesi. **46.** Ümlük. **49.** Bişen üzümden serlip guradylan tagamly önüm. **50.** «Mal bir ýere gider, ... müň ýere» (nakyl). **51.** Ýeriň üç ölçegli modeli. **54.** Çaý içilýän gap. **56.** Aýagy aýakgapsyz. **57.** Gyz ady. **59.** Gaýratly, dogumly. **61.** Egne geýilýän ýukajyk don. **62.** Öň tarapy deri ýaly, arka tarapy ýumşak matanyň bir görnüşi. **64.** Möjek. **66.** Pikir, oý. **68.** Ýeriň hemrasy. **69.** Ekilýän ekinleriň düýbüni ýumşadyp, haşal otlardan arassalaýyş işi. **70.** Iň kiçi guş. **71.** Konditer önümi. **73.** ...-bäri. **74.** Mebel.



9 MAÝ BEÝIK ÝEŇŞIŇ ŞANLY 79 ÝYLLYGY GUTLY BOLSUN!

## AŞGABADYŇ DOKMA TOPLUMY

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we Türkmenistanyň parahatçylyk söýüji halkyny 1941–1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňşiň şanly 79 ýyllygy mynasybetli ähli işgärlerimiziň adyndan tüýs ýürekden gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!** Siziň baştutanlygyňyzda Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan bu günki gün parahatçylygyň, asudalygyň, halkyň agzybirliginiň we dost-doganlygyň höküm sürýän Watanyna öwrüldi. Siziň öňdengörüjilikli, hoşniýetli, ynsanperwer içeri we daşary syýasatyňyz dünýä jemgyýetçiliginde uly goldawa hem-de hormata eýe bolýar.

**Hormatly Prezidentimiz!** Sizi türkmenistanlylaryň frontda hem tylda görkezen taýsyz edermenlikleri, gahrymançylyklary netijesinde gazanylan taryhyň sahypalaryna öçmejek harplar bilen ýazylan Beýik Ýeňşiň şanly 79 ýyllygy mynasybetli ähli işgärlerimiziň adyndan ýene-de bir gezek tüýs ýürekden we mähirli gutlaýarys! Beýik Ýeňiş gününiň dabara edilýän pursadynda Size we Siziň parasatly baştutanlygyňyzda Türkmenistanyň halkyna ýurt abadançylygyny, bagtyýarlyk döwründe gülläp ösüş, il-ýurt bähbitli işleriňizde hemişe rowaçlyk arzuw edýäris!

Beýik Ýeňşiň şanly 79 ýyllygy gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Aşgabadyň Dokma Toplumynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

## TÜRKMENBAŞY TEKSTIL KOMPLEKSI

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we ähli halkymyzy 1941–1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňşiň şanly 79 ýyllygy mynasybetli tüýs ýüregimizden, mähirli gutlaýarys!

Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňiş taryhy waka bolup, onuň kynçylykly, ýowuz ýyllaryny biziň ata-babalarymyz hem başdan geçirdi. Urşa gidenleriň yzynda galan maşgalalaryň gerdenine juda agyr ýük düşdi. Olar edermenlik we zähmet gahrymançylygyny görkezdiler.

Tylda galan enelerimiz, uýalarymyz, garrylarymyz fronta kömek ugratdylar. Mähriban gelin-gyzlarymyz öz bukjalaryndaky apalap saklaýan ähli şaý-seplerini Beýik Ýeňşiň hatyrasyna bagyşladylar. Olaryň bu edermenligi bize nusgadyr.

1941–1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňşiň şanly 79 ýyllygy ýurdumyzda dabaraly bellenilip geçilýär. Diýarymyzyň ähli ýerinde Beýik Ýeňşiň şanly 79 ýyllygy mynasybetli uruş weteranlarynyň gatnaşmagynda toý dabaralary geçirilýär. Duşuşyklaryň barşynda weteranlara ajaýyp gül desseleri, gymmat bahaly sowgatlar gowşurylýar, urşuň gahrymanlarynyň ýadygärliklerine ter gül çemenleri goýulýar.

Beýik Ýeňşiň şanly 79 ýyllygy gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Türkmenbaşy tekstil kompleksiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**

## «GAP – TÜRKMEN» ÝGPJ TÜRKMENBAŞY JINS TOPLUMY

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we Türkmenistanyň halkyny 1941–1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňşiň şanly 79 ýyllygy mynasybetli tüýs ýüregimizden, mähirli gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!** 1941–1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda Watanyň azatlygy ugrunda şirin janyny orta goýup, gaýduwsyzlygyň, mertligiň, batyrlygyň nusgasyny görkezen, azat, asuda, abadan durmuşyň hatyrasyna söweşen gerçekleriň, urşuň yzynda galan eneleriň görkezen edermenligi ýüreklerde baky ýaşar. Size ýurdumyzy gülledip ösdürmekde, ykdysady kuwwatyny has-da pugtalandyryp, ony dünýäniň ösen döwletleriniň hataryna çykarmakda alyp barýan il-ýurt bähbitli işleriňizde rowaçlyklar we üstünlikler arzuw edýäris!

**Hormatly Prezidentimiz!** Sizi 1941–1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňşiň şanly 79 ýyllygy mynasybetli ýene-de bir gezek tüýs ýüregimizden, mähirli gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!** Siziň türkmen halkynyň röwşen geljegi üçin alyp barýan tutumly işleriňiziň hemişe rowaç bolmagyny arzuw edýäris, janyňyzyň sag, ömrüňiziň uzak, belent başyňyzyň aman, mertebäňiziň mundan-da belent bolmagyny Beýik Biribardan dileg edýäris!

Beýik Ýeňşiň şanly 79 ýyllygy gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Türkmenbaşy jins toplumynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

## RUHABAT DOKMA TOPLUMY

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Beýik Ýeňşiň şanly 79 ýyllyk dabarasy tutuş ýurdumyzy gurşap aldy. Siziň baştutanlygyňyzda halkymyz Ýeňiş gününi giňden belleýär. Sizi we ähli halkymyzy 1941–1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňşiň şanly 79 ýyllygy mynasybetli tüýs ýürekden gutlaýarys!

Ýurdumyzda alnyp barylýan parahatçylyk döredijilikli syýasat, häzirki gazanylýan uly üstünlikler janyny aýaman mukaddes Ýeňşi ýakynlaşdyran ähli türkmen esgerlerine dikilen belent heýkeldir. Halkymyz Watanymyzyň merdana goragçylaryny, ýanýoldaşyny söweşe ugradyp, yzynda ýalňyz galan zenanlary hiç haçan unutmaz. Olaryň tylda görkezen gahrymançylygy we edermenligi Ýeňiş gazanmakda uly ähmiýete eýe boldy we häzir Garaşsyz Watanymyzyň gazanan üstünlikleriniň goragynda durýan ýaşlar üçin nusga hem-de terbiýe mekdebi bolup hyzmat edýär.

**Hormatly Prezidentimiz!**

Sizi we ähli halkymyzy Beýik Ýeňşiň şanly 79 ýyllygy mynasybetli ýene bir gezek gutlaýarys!

Beýik Ýeňşiň şanly 79 ýyllygy gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Ruhabat dokma toplumynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

# BEÝIK ÝEŇŞIŇ ŞANLY 79 ÝYLLYGY GUTLY BOLSUN! 9 MAÝ

## AJAÝYP BINA
HOJALYK JEMGYÝETI

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi 1941–1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňşiň şanly 79 ýyllygy mynasybetli tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys!

1941–1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşy türkmenistanlylaryň taryhynda gahrymançylykly sahypalaryň biri boldy, biziň edermen gerçeklerimiz mähriban ýurdumyzyň azatlygyny we garaşsyzlygyny gorap söweşdiler. Bu uly taryhy ýeňişde türkmenistanly gerçekleriň görkezen deňsiz-taýsyz gahrymançylygyny bütin dünýä ykrar edýär.

Adamzadyň taryhynda iň ýowuz wakalaryň biri bolan 1941–1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşuna türkmenistanlylaryň hem ýüz müňlerçesi gatnaşyp, aldym-berdimli söweşlerde edermenlik görkezdiler. Her ýylyň ajaýyp bahar pasly güller açyp, bägülleriň burk urýan maý aýy gelende, tutuş halkymyz bir ruhy bitewülige has-da jebis jemlenip, şanly senäni – Beýik Ýeňiş gününi uludan toýlaýar.

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan öz gahrymanlarynyň at-abraýyny, mertebesini ýokary derejede saklaýar.

Beýik Ýeňşiň şanly 79 ýyllygy gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«AJAÝYP BINA» hojalyk jemgyýetiniň
ýolbaşçylary we işgärleri.**

ÇEPER GURLUŞYK

## «ÇEPER GURLUŞYK» H. K.

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we halkymyzy 1941–1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňşiň şanly 79 ýyllygynyň Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe belent derejede baýram edilýändigi mynasybetli arassa kalbymyzdan gyzgyn gutlaýarys!

Ýurdumyzda 1941–1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňşiň 79 ýyllygy dabaraly bellenilýär. Bu uly taryhy ýeňişde gerçeklerimiziň görkezen deňsiz-taýsyz gahrymançylygyny bütin dünýä ykrar edýär. Türkmen zenanlary uruş ýyllarynda Goranmak gaznasyna köp mukdarda gymmatly şaý-seplerini tabşyryp, hakyky watansöýüjiligini, ata-babalarymyzyň müňýyllyklardan gözbaş alýan däplerine ygrarlydyklaryny görkezdiler. Biziň uly ýaşly nesillere çäksiz hoşallygymyz, olaryň gahrymançylykly hereketleri baradaky hakydamyz anyk işlerde beýanyny tapýar. Şol işler parahatçylygy goramaga, ýurdumyzy yzygiderli ösdürmäge, jemgyýetde belent ynsanperwer ýörelgeleriň goralyp saklanmagyna gönükdirilendir.

Ýurdumyzda frontçylaryň hem-de olaryň maşgala agzalarynyň zerurlyklaryna aýratyn üns-alada bilen garalýar. Milli gahrymanlarymyzyň atlary «Hatyra» we «Şöhrat» atly kitaplarda ebedileşdirildi. Weteranlara köp sanly ýeňilliklerden başga-da, durmuş taýdan goldaw hem berilýär. Ýurdumyzda gahrymanlaryň at-abraýy, mertebesi ýokary derejede saklanýar.

Beýik Ýeňşiň şanly 79 ýyllygy gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«ÇEPER GURLUŞYK» hususy kärhanasynyň
ýolbaşçylary we işgärleri.**

## «DEŇIZ SÖWDA FLOTY» ÝAPYK GÖRNÜŞLI PAÝDARLAR JEMGYÝETI

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi 1941–1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňşiň şanly 79 ýyllygy mynasybetli tüýs ýürekden gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!**

1941–1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda şirin janlaryny orta goýup, gaýduwsyzlygyň, mertligiň, batyrlygyň ajaýyp nusgasyny görkezen, azat, asuda, abadan durmuşymyzyň hatyrasyna söweşen gerçeklerimiziň, urşuň yzynda galan enelerimiziň görkezen edermenligi ýüreklerde hemişelik ýaşaýar. Olaryň yzynda ýar ojagyny saklap galan zenanlar, ene-mamalarymyz hem zähmet gahrymançylygyny görkezip, Ýeňşiň gazanylmagyna kömek etdiler. Bu işler mukaddes, parz işlerdir.

**Hormatly Prezidentimiz!**

Sizi 1941–1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňşiň şanly 79 ýyllygy mynasybetli ýene-de bir gezek tüýs ýürekden, mähirli gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!**

Siziň janyňyz sag, ömrüňiz uzak, belent başyňyz aman, mertebäňiz mundan-da belent, halkymyzyň röwşen geljegi üçin alyp barýan tutumly işleriňiz hemişe rowaç bolsun!

Beýik Ýeňşiň şanly 79 ýyllygy gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«DEŇIZ SÖWDA FLOTY» ýapyk görnüşli
paýdarlar jemgyýetiniň işgärleriniň
adyndan Wepa KERWENOW.**

## «Garagum Ulag» H. J.

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we Türkmenistanyň halkyny 1941–1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňiş güni bilen gutlaýarys!

Türkmenistanyň halky urşa gatnaşan gerçekleriň gahrymançylygyny ýatdan çykarmaýar. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Watan üçin söweşen gahrymanlarymyz uly hormat-sarpa, hemmetaraplaýyn alada bilen gurşalýar.

**Hormatly Prezidentimiz!** Siziň janyňyz sag, ömrüňiz uzak bolsun, il-ýurt bähbitli işleriňiz rowaç alsyn!

Beýik Ýeňşiň şanly 79 ýyllygy gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«GARAGUM ULAG» hojalyk jemgyýetiniň
ýolbaşçylary we işgärleri.**

## AGRI

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

1941–1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňşiň şanly 79 ýyllygy mynasybetli Sizi we ähli halkymyzy tüýs ýürekden gutlaýarys!

Ýurdumyzda uruş weteranlaryna, urşa gatnaşyjylaryň ýanýoldaşlaryna we tylda zähmet çekenlere gymmat bahaly sowgatlar gowşurylýar.

**Hormatly Prezidentimiz!** Size berk jan saglygyny, ýurdumyzy behişdi mekana öwürmek üçin edýän tagallalaryňyzyň rowaçlanmagyny Beýik Biribardan dileýäris!

Beýik Ýeňşiň şanly 79 ýyllygy gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«AGRI» bilelikdäki kärhanasynyň
ýolbaşçylary we işgärleri.**